TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA AZYK ÖNÜMÇILIGI BABATDA ÖŇDEBARYJY DÜNÝÄ TEJRIBESINIŇ ÖWRENILMEGINE HEM-DE ORNAŞDYRYLMAGYNA, BU ULGAMDA SEBITLEÝIN WE HALKARA HYZMATDAŞLYGY HÖWESLENDIRMÄGE AÝRATYN ÜNS BERILÝÄR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

17-nji maý, 2024. Belgisi 20/1586



14-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýapon-türkmen parlamentara dostluk toparynyň başlygy Endo Toşiakini kabul etdi.

# KÖPUGURLY TÜRKMEN-ÝAPON HYZMATDAŞLYGY

Myhman türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Ýaponiýanyň Imperatory Naruhitonyň we Premýer-ministri Fumio Kisidanyň döwlet Baştutanymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Ýaponiýada oňyn daşary syýasaty alyp barýan hem-de döretmegiň, ösüşleriň ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz myhmany mähirli mübärekläp, dostlukly ýurduň wekiliýetiniň Aşgabada şu gezekki saparynyň çäklerinde geçiriljek duşuşyklaryň däp bolan döwletara hyzmatdaşlygy, şol sanda parlamentara gatnaşyklar ýaly möhüm ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyz Ýaponiýanyň Imperatoryna hem-de Premýer-ministrine salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň deňhukuklylyga, özara hormat goýmaga esaslanýandygyny, onuň uzak möhletleýin strategik häsiýete eýedigini kanagatlanma bilen belledi.

Duşuşygyň dowamynda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň abraýly halkara düzümleriň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde işjeň hyzmatdaşlyk edýändikleri nygtaldy. Ýurtlarymyz halkara giňişlikde hereketlerini utgaşdyryp, birek-biregiň ählumumy parahatçylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen başlangyçlaryny goldaýarlar. Iki döwletiň «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogynyň çäklerindäki köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk hem ösüş häsiýetine eýedir. Bu dialog hyzmatdaşlygyň netijeli guraly hökmünde özüni görkezdi. Şunuň bilen baglylykda, Ýapon-türkmen parlamentara dostluk toparynyň başlygy hormatly Prezidentimizi bu formata gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ilkinji sammitinde görmäge şat boljakdygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz sammitiň umumy bähbitlere laýyk gelýän netijeli döwletara gatnaşyklary ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boljakdygyny belledi.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biri bolup, durnukly we uzak möhletleýin häsiýete eýedir. Şunda Türkmen-ýapon ykdysady hyzmatdaşlyk komitetiniň işine uly ähmiýet berilýär. Ol hyzmatdaşlygyň bar bolan uly kuwwatyny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge ýardam bermäge gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we iri ýapon kompaniýalarynyň dürli ulgamlarda, şol sanda gaz pudagynda, himiýa senagatynda hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesini toplandyklary nygtaldy.

Şeýle hem geljek ýyl Ýaponiýada «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisiniň geçiriljekdigi aýdyldy. Bu serginiň Günüň dogýan ýurdunda geçirilmegini goldap ses beren Türkmenistan onuň işine gatnaşmaga uly gyzyklanma bildirýär. Şu maksat bilen, ýörite guramaçylyk topary döredildi we häzirki wagtda degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Ýaponiýanyň ösüşinde we bütindünýä sergileriniň taryhynda möhüm waka boljak «EKSPO – 2025-iň» üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Jenap Endo Toşiaki hoşniýetli sözler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzy bu sergä gatnaşmaga çagyrdy.

Söhbetdeşligiň dowamynda medeni-ynsanperwer ulgamyň türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygy bellenildi. Iki ýurtda yzygiderli geçirilýän sergiler, Medeniýet günleri we beýleki çäreler bu ugurdaky özara gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigine şaýatlyk edýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we Ýapon-türkmen parlamentara dostluk toparynyň başlygy döwletara hyzmatdaşlygyň özara hoşmeýilli erk esasynda ähli ugurlar boýunça mundan beýläk-de depginli ösdüriljekdigine, täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.



## Watanymyzyň mukaddes nyşanlary

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň her bir güni beýik ösüşlere, şanly wakalara beslenýär. Konstitusiýanyň kadalary, Türkmenistanyň kanunlary arkaly adam hukuklary goralýan hem-de kepillendirilýän demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolan ýurdumyzda ösüşiň täze tapgyrynda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar.

Mundan 33 ýyl ozal gadymy türkmen halkynyň erk-islegi amala aşyrylyp, «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Konstitusion kanun kabul edildi. Öz Garaşsyzlygyna eýe bolan gününden bäri ýurdumyz ösüşlerden-ösüşlere tarap ynamly öňe barýar, durmuş-ykdysady maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär, döwlet dolandyryşy kämilleşdirilýär. Ýurdumyzyň demokratik, hukuk we dünýewi esaslaryny pugtalandyrmak boýunça yzygiderli tagallalar edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda yzygiderli amala aşyrylan konstitusion özgertmeler adamyň hukuklaryny, azatlyklaryny goramakda, ilatyň dürli gatlaklaryny döwletiň işlerini dolandyrmaga çekmekde möhüm ähmiýete eýedir.

■ 2

## Azyk önümçiliginiň döwrebap tehnologiýalarynyň halkara sergisi

15-17-nji maýda Söwda-senagat edarasynyň sergi zalynda azyk önümçiliginiň döwrebap tehnologiýalarynyň halkara sergisi geçirilýär.

Şu gezekki gözden geçiriliş oba hojalyk pudagynda diňe bir ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem, bu pudakda işjeň orun eýeleýän işewür düzümleriň ägirt uly mümkinçiliklerini hem açyp görkezýär. Bu ýerde Türkmenistanyň we daşary döwletleriň gatnaşyjylarynyň 100-den gowrak wekili öz önümlerini we hyzmatlaryny hödürledi.







Şolaryň hatarynda Oba hojalyk, Daşky gurşawy goramak ministrlikleri, degişli kärhanalar we düzümler, türkmen telekeçileri bar. Şeýle-de, Russiýadan, Türkiýeden, Belarusdan, Özbegistandan gelen gatnaşyjylar innowasion tehnologiýalara we nou-haulara ünsi çekýän diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar.

Sergi azyk senagatynyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny alyşmak, maksatnamalaýyn taslamalara maýa goýumlary çekmek we degişli ugurda ygtybarly ulgamy döretmegiň usullaryny işläp taýýarlamak hem-de olary durmuşa geçirmek boýunça halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga oňaýly şertleri döredýär. Daşary ýurt kompaniýalary dürli gaplaýjy enjamlaryny, iýmleri garyşdyrmak üçin gurallaryny, ekiji, ýygyjy, ideg ediji tehnikalaryny, ösümlik ýagyny öndürýän maşynlaryny, guradyjy we sowadyjy ulgamlaryny görkezýärler. Olar gözden geçirilişe gatnaşyjylary ýyladyşhana, maldarçylyk hojalyklarynyň gurluşygynda ulanylýan döwrebap düzümler, ekologiýa babatda alnyp barylýan işler bilen tanyşdyrýarlar. Şolaryň hatarynda «YMS Sera Sistemleri», «Dagdelen Sera» ýaly kompaniýalar bar.

Damjalaýyn suwaryş ulgamlary, ekinleri goraýan düzümleri özünde jemleýän mineral dökünler, tohumlardyr önümleri gaplamagyň olary belgilemegiň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrýan işewürleriň diwarlyklary aýratyn gyzyklanma döretdi. Özbegistanyň «Ermak», «Parlak Ambalaj», Russiýanyň «Polimer» kompaniýalary sergide ilkinji gezek öz hyzmatlaryny hödürleýärler. Türkiýäniň «Uluçinar Tarim», «Markka Genetik» kompaniýalary mineral dökünleri, «Ardent Plastik A.Ş.» suwaryş ulgamlaryny, «Günsa Makina» kärhanasy bolsa oba hojalyk enjamlaryny görkezýär.

Sergide görkezilýän diwarlyklaryň hatarynda oba hojalyk kärhanalary, döwrebap ýyladyşhana hojalyklary, guşçulyk, maldarçylyk boýunça, gök-bakja önümlerini, miweleri gaýtadan işleýän toplumlar bar.

Önümler üçin gaplary öndürýän «Lebiz plastik», «Ýedidogan Nur», «Toprak» kompaniýalarynyň, suw arassalaýjy enjamlary öndürmäge ýöriteleşen «Nowa-Med» hojalyk jemgyýetiniň wekilleri hem öz harytlaryny görkezdiler. Bu kärhanalar dünýä tejribesiniň we öňdebaryjy tehnologiýalarynyň esasynda işlerini kämilleşdirýärler.

Sergide «Arçalyk», «Sada suw» kärhanalarynyň, «Ak ýaprak», «Mahmal Zip» hojalyk jemgyýetleriniň gazly we gazsyz, arassa agyz suwlarynyň dürli görnüşleri, tebigy bakja önümleriniň we miweleriniň suwlary, şerbetleri görkezilýär. Şeýle-de, «Parahat» hususy kärhanasynyň belli «Joş», «Eçil» miwe suwlary, sowuk çaýy, şöhlatlary, çaga iýmiti (miwe-bakja püresi), uzak möhletleýin saklamaga niýetlenen süýt önümleri, ýerli tebigy çig malyň esasynda taýýarlanylan pomidor goýultmasynyň köp görnüşleri bar. Süýt önümlerini öndürmekde meşhurlyga eýe bolan «Gönezlik» hojalyk jemgyýeti, «Süýt» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti we beýlekiler sergi meýdançasynda öz önümleri bilen tanyşdyrdylar. «Şerbet Market», «Halk Market» söwda dükanlarynyň hem diwarlyklary ýaýbaňlandyryldy.

Bu sergi oba hojalyk toplumynyň ösüşine gönükdirilen tehnologiýalardaky nou-haular, meýilnamalaýyn işler bilen ýakyndan tanyşmaga giň mümkinçilik döredýär. Gözden geçirilişiň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklar hem geçirildi. Duşuşyklarda hyzmatdaşlygy ösdürmek we özara bähbitli işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça pikir alşyldy.



## Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumy açylýar

Ýurdumyzda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bellenilýär. Bu şanly senäniň diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara derejesinde giňden bellenilýändigini aýratyn bellemek gerek. Munuň özi akyldar şahyryň pähim-paýhasa ýugrulan goşgularynyň dünýä edebiýatynyň aýrylmaz bir bölegidigini, dünýä halklarynyň akyldaryň döredijiligine uly hormat goýýandygyny alamatlandyrýar.

Mälim bolşy ýaly, Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Mundan başga-da, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýyl «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edildi.

■ 2

## Global maýlamanyň öňüni alyp bolar



Amerikaly we ýewropaly alymlar klimat boýunça Pariž şertnamasyny doly ýerine ýetirmek we global maýlamany 1,5 derejede saklamak üçin adamzadyň şu asyryň ortalaryna çenli her ýyl atmosferadan 5,1 milliard tonna kömürturşy gazyny aýyrmalydygyny anykladylar.

■ 3



## Ožieniň 60-njy ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) möwsümdäki 5-nji ýaryşy Portugaliýada geçirilip, «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. Şu möwsümde bassyr 2-nji, karýerasy boýunça-da 60-njy ýeňşini baýram eden Ožie 337,04 kilometr aralygy 3 sagat 41 minut 32,3 sekuntda tamamlady.

■ 5



# ÖZARA BÄHBITLI GATNAŞYKLAR GIŇELDILÝÄR

***Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş sapary***

Milli Liderimiziň bu gezekki sapary Russiýanyň iri sebitleri bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýolunda nobatdaky ädim bolup durýar. Şeýle hyzmatdaşlyk Russiýa Federasiýasy bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegidir. Tatarystan Respublikasy bilen özara bähbitlilik, uzak möhletleýinlik ýörelgeleri, bilelikdäki işiň oňyn tejribesi esasynda alnyp barylýan köpýyllyk netijeli gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

Şu günler Kazanda «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum» XV halkara ykdysady forumy geçirilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu foruma hormatly myhman hökmünde çagyryldy.

Howa menzilinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Tatarystan Respublikasynyň Baştutanynyň bilelikdäki awtoulag kerweni howa menzilinden Kazan Kremline tarap ugrady. Bu taryhy binagärlik toplumynyň çäginde Tatarystanyň Baştutanynyň resmi kabulhanasy ýerleşýär.

Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz we Tatarystan Respublikasynyň Baştutany çaý başynda söhbet edip, dost-doganlyk gatnaşyklary bilen berkidilen hem-de köpugurly kuwwata eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler. Şunda Türkmenistanyň we Tatarystanyň türkmen-rus döwletara gatnaşyklarynyň strategiýasyna, uzak möhletleýin özara bähbitlere laýyk gelýän hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeň dowam etdirmäge taýýardyklary tassyklanyldy.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowyň duşuşygy geçirildi. Oňa iki tarapyň wekiliýet agzalary hem gatnaşdylar.

Tatarystanyň Baştutany Gahryman Arkadagymyzy ýene bir gezek mähirli mübärekläp, belent mertebeli myhmana «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum – 2024» halkara ykdysady forumyna hem-de jebisleşdiriji halkara jemgyýetçilik meýdançasy bolup çykyş edýän «Russiýa – Yslam dünýäsi» strategik garaýyş toparynyň mejlisine gatnaşmak üçin Kazana gelip görmäge çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi. Türkmenistan bilen Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça barha ösdürilýändigini aýdyp, Rustam Minnihanow netijeli ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmakda türkmen halkynyň Milli Lideriniň hyzmatlaryny aýratyn belledi.

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Türkmenistanyň depginli ösüşini, halkara abraýyny şertlendiren döredijilikli syýasatyň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändigi nygtaldy. Ol Tatarystanda Türkmenistan bilen köpýyllyk hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini aýdyp, bu gatnaşyklaryň ösdürilmegine öz tarapyndan hemmetaraplaýyn ýardam beriljekdigini belledi hem-de doganlyk türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Milli Liderimiz mähirli kabul edilendigi we bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Tatarystanyň Baştutany bilen Kazanda duşuşmaga örän şatdygyny aýtdy, şeýle-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýollan mähirli salamyny ýetirdi. Bu ýerde doganlyk tatar halkynyň bize bolan aýratyn hormatyny, tüýs ýürekden we mähirli gatnaşygyny duýýarys diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy belledi.

«Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum – 2024» halkara ykdysady forumyna we «Russiýa – Yslam dünýäsi» strategik garaýyş toparynyň her ýyl geçirilýän mejlisine gatnaşmaga çakylygy üçin minnetdarlygyny beýan edip, türkmen halkynyň Milli Lideri ähli meýilleşdirilen çäreleriň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Kazanda Russiýa Federasiýasynyň yslam dünýäsiniň döwletleri bilen ykdysady hyzmatdaşlygynyň işjeňleşdirilmegine gönükdirilen şeýle uly ähmiýetli forumyň geçirilmegi Tatarystanyň uly abraýynyň hem-de oňa ýokary halkara gyzyklanmanyň nyşany bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz şular barada aýtmak bilen, türkmen wekiliýetiniň şu gezekki saparynyň hem-de dürli meýdançalarda geçiriljek duşuşyklaryň biziň ýurdumyzyň Russiýa Federasiýasy bilen oňyn hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup durýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmegine uly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Türkmenistan we Tatarystan dürli ugurlarda gatnaşyklary ösdürýärler. Şunuň bilen baglylykda, nebitgaz, gämi gurluşygy, himiýa senagaty pudaklarynda, awiasiýa tehnikasyny, ýük awtoulaglaryny ibermek babatda üstünlikli alnyp barylýan bilelikdäki işlere üns çekildi. Ynsanperwer ulgamda, şol sanda bilim, medeniýet, sungat boýunça hyzmatdaşlyk türkmen-tatar gatnaşyklarynyň möhüm ugry bolup durýar.

Pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasy bilen strategik hyzmatdaşlygyň çäklerinde Tatarystan bilen köpugurly gatnaşyklary hemmetaraplaýyn pugtalandyrmagy we giňeltmegi ugur edinýändigini tassyklady.

Gahryman Arkadagymyz Kazana sapar bilen gelmäge iberen çakylygy üçin ýene bir gezek minnetdarlyk bildirip, Tatarystanyň Baştutany Rustam Minnihanowa berk jan saglyk, işinde uly üstünlikleri, Tatarystanyň doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy we RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany däp bolan dostlukly ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljekde-de okgunly ösdüriljekdigine, täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

## Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumy açylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň dowamynda ýurdumyzda köp sanly myhmanlaryň gatnaşmagynda iri halkara çäreler: halkara olimpiadalar, dürli döredijilik çäreleri, brifingler, mediaforumlar, okuw maslahatlary, sergiler, onlaýn tertipde ylmy-amaly maslahatlar, wagyz-nesihat çäreleri, aýdym-sazly dabaralar geçirilýär.

Bu gün şanly sene – türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli medeniýet ministrleriniň halkara maslahaty we Aşgabadyň günortasynda Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň açylyş dabarasy geçiriler.



Aşgabadyň günorta böleginde gurlan belent ýadygärlik akyldar şahyryň we filosofyň ömrüne hem-de döredijilik mirasyna goýulýan çuňňur hormatyň nyşanydyr. Köpetdagyň ajaýyp dag eteklerinde beýik nusgawy şahyryň hormatyna medeni-seýilgäh toplumyny döretmek başlangyjy türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa degişlidir.

Milli Liderimiziň teklibi esasynda bu toplumyň çäginde daşary ýurtlaryň meşhur şahsyýetleriniň, görnükli ýazyjy-şahyrlarynyň we söz ussatlarynyň heýkelleri oturdyldy. Munuň özi Magtymguly Pyragynyň eserlerinde beýan edilen halklaryň dost-doganlygynyň we hoşniýetli goňşuçylygyň dabaralanýandygynyň güwäsidir.

Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň hem-de Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň açylyş dabarasynyň çäklerinde edebi-çeper kompozisiýalaryň görkezilişini hem-de teatr artistleriniň, medeniýet işgärleriniň, sungat ussatlarynyň dürli çykyşlaryny, ýadygärlige gül goýmak çäresini, yşyklaryň we dronlaryň üsti bilen şekilleriň görkezilişini, baýramçylyk feýerwerkini guramak göz öňünde tutulýar. Bu barada 10-njy maýda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde bellenilip geçildi.

## Watanymyzyň mukaddes nyşanlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Garaşsyzlyk bize ata-babalarymyzyň özbaşdak döwlet gurmak baradaky arzuwlaryny amala aşyrmaga mümkinçilik berdi. Şu döwürde demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň berk binýady tutuldy. Halkymyzyň aňynda, medeni hem-de ruhy durmuşynda uly öwrülişikler bolup, täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy kemala geldi. Garaşsyzlygymyz halkymyzyň öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan maddy we ruhy gymmatlyklaryny, nesilden-nesle geçip gelýän ynsanperwer däplerini dikeltmäge mümkinçilik berdi. Şu geçen ýyllarda ýurdumyzda azyk garaşsyzlygy we howpsuzlygy üpjün edildi, kämil döwlet dolandyryş edaralary döredildi. Döwlet, jemgyýetçilik durmuşyna demokratik ýörelgeler tapgyrma-tapgyr ornaşdyryldy.

Ýurdumyzyň hukuk ulgamyny kämilleşdirmekde öňe sürülýän esasy maksat döwletiň we jemgyýetiň, her bir şahsyýetiň bähbitleriniň sazlaşygyna gönükdirilen kanunlary işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Serdarymyz tarapyndan dowam etdirilýän syýasatyň baş maksady ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmekde, kanun çykaryjylygyň iň oňat dünýä tejribesini milli kanunçylyga ornaşdyrmakda, zerur çözgütler esasynda jemgyýetçilik we döwlet durmuşy bilen dahylly meselelerde ýardam bermekde, durnukly syýasy institutlary döretmekde jemlenýär.

Ýurdumyzyň Konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Konstitusiýada döwletiň hukuk ýagdaýynyň kesgitlemesi we ösüşiniň esasy ugurlary beýan edilýär. Şeýle hem raýatlaryň saglyga, zähmete, bilime, ylma, saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklary kepillendirilýär.

Konstitusiýa döwletiň hereket edýän kanunçylygynyň esas goýujy binýadydyr. Ol döwletimiziň



esasy syýasy-hukuk resminamasy bolup, onda adam hukuklary, azatlyklary we borçlary, hukuk ulgamynyň ýörelgeleri kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy kanunyň rüstemligini ykrar etmek bilen, hemmeleriň kanunyň öňünde deňdigini, jemgyýetiň gymmatly hazynasynyň adamdygyny, raýatyň abraýyny, mertebesini we azatlygyny döwletiň goraýandygyny beýan edýär. Şeýle hem onda her bir raýatyň kanunlardan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdigi görkezilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy kadalaşdyryjy hukuknamalar ulgamynda, hukuk taýdan iň ýokary güýje eýedir.

2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda, Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda «Türkmenistanyň Zähmet Kodeksine üýtgetme girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanuna laýyklykda, her ýylyň 18-nji maýy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni diýlip yglan edildi.

Baýdak döwletiň nyşany, halkyň gadymy däpleriniň, adatlarynyň görkezijisi hasaplanylýar. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynda türkmen halkynyň mukaddes ýörelgeleri jemlenendir.

2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda paýtagtymyzda dünýäde iň belent flagştok oturdyldy we ol belentligi bilen Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. 133 metrlik bu flagştokdaky baýdagymyzyň ini 35, boýy 52,5 metre, agramy bolsa 420 kilograma barabardyr. Ýaşyl Tugumyzyň şeýle belentlige galdyrylmagynyň özboluşly manysy bar. Çünki Watanymyz ähli ugurlar boýunça ösüşiň täze belentliklerine galýar. Döwlet baýdagymyzyň iň belent flagştokda pasyrdamagy halkymyzyň buýsanjyny artdyrýar.

**Owadan AKYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň hukuk kafedrasynyň uly mugallymy, maýor.*

## Hytaýdaky önümçiligini artdyrar

Elektroulag önümçiliginde dünýäniň iň öňdebaryjy kompaniýasy bolan «Tesla» Hytaýdaky önümçiligini artdyrýar. Häzirki wagtda Şanhaý şäherinde awtoulag zawody bolan «Tesla» geljekde elektroulag batareýalaryny öndürer. Kompaniýanyň öndürjek «Megapack» atly 4 megawat/sagat elektrik energiýasyny saklaýan litiý-ion batareýalary elektrik bekedi hökmünde hyzmat edýär. Amerikan kompaniýasy bu äpet batareýalary öndürmek üçin Şanhaý şäherinde aýratyn zawod gurar. Zawodyň gurluşygyna şu ýyl başlanar. Geljek ýylyň birinji çärýeginde bolsa işe giriziler. Zawodda ýylda 10 müň birlik batareýa öndüriler.

Häzirki wagtda «Tesla»-nyň ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda ýylda 10 müň «Megapack» öndürmäge ukyby bolan zawody bar. Şeýle hem kompaniýa Şanhaýda ýylda 1 million elektroulag öndürýän zawodyny giňelder. Şeýlelikde, bu zawodda ýylda goşmaça 450 müň elektroulag öndüriler.

**Asyr ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Singapurda çigildem sergisi açyldy

Çigildem güli bilen bagly sergiler barada gürrüň edilende ilki bilen Niderlandlar ýadyňa düşýär. Emma şeýle sergi Singapurda hem geçirilýär. Bu ýerde geçirilýän «Tulipmania» atly sergi Niderlandlardaky çigildem meýdanlaryna meňzeş edilip bezelipdir. Şeýle hem gül baglarynyň arasynda ýel we suw degirmenleri ýerleşdirilipdir.

Dünýäniň tehnologiýa taýdan ösen ýerleriniň biri bolan Singapurda şeýle sergi ilkinji gezek 2013-nji ýylda geçirilýär. Gülleriň sergisinde şol bir reňkli çigildemler bir hatar edilip oturdylypdyr. Bir aý töweregi açyk durýan çäre beýleki sergilerden tapawutlylykda dürli ýaşdaky myhmanlar üçin hem gyzyklydyr. Bu ýerde çigildemiň 20 görnüşinden 54 müň düýbi oturdylypdyr.

**Döwran ÖWEZOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## Türkmenistan-ÝB: 30 ýyllyk hyzmatdaşlyk

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli daşary syýasat ugrunda halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Hususan-da, soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary täze derejelere çykaryldy hem-de birnäçe ugurlarda gatnaşyklar ýola goýuldy.

Häzirki wagtda bu gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 30 ýyl doldy. Geçen döwürde Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşigi syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlary boýunça, şeýle hem halkara formatlarynda ýagny «Ýewropa Bileleşigi-Merkezi Aziýa» görnüşinde hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrdy. Ilkinji nobatda, syýa-



sy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlary boýunça Ýewropa Bileleşigi bilen ulgamlaýyn esasda gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn formatlardaky netijeli gurallar we olaryň çäklerinde yzygiderli duşuşyklar we maslahatlaşmalar geçirilýär.

Häzirki döwürde ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde syýasy-diplomatik ugrundaky netijeli hyzmatdaşlygyň berkidilmegi, hususan-da ÝB-niň ýolbaşçylary bilen ýokary derejeli saparlary we duşuşyklary guramak boýunça işler işjeňleşdirilýär. Mundan başga-da, netijeli hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi we «Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi» bilelikdäki komitetiniň, «Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa» görnüşindäki gatnaşyklaryň, «Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi» parlamentara dialogynyň çäklerindäki işjeň hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigini bellemek bolar.

Türkmenistan bilen ÝB-niň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek hem möhümdir. Ozal gazanylan ylalaşyklaryň esasynda «Ýewropa Bileleşigi – Türkmenistan» işewürler geňeşini döretmek ugrunda giň tagallalar ýola goýuldy. Şeýle hem ÝB bilen nebit-gaz, elektroenergetika we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri ugurlarynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklary dowam etdirilýär.

Ýurdumyzyň Ýewropa Bileleşigi bilen howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygy boýunça hyzmatdaşlygynyň ähmiýeti uludyr. Bu ugurda hususan-da «ýaşyl» energetikany we wodorody ulanmak hem-de howada metan bölejiklerini azaltmak boýunça ÝB-niň düzümine girýän döwletler bilen netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy.

Medeni-ynsanperwer ulgamyndaky hyzmatdaşlyk barada aýdylanda bolsa, medeniýet diplomatiýasynyň berkidilmegi, ylym-bilim ulgamynda köp sanly taslamalary durmuşa geçirmek arkaly işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Türkmenistan Ýewropa Bileleşiginiň maliýe institutlary bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly üns berýär we Ýewropanyň Maýa goýum banky bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça degişli çäreleri durmuşa geçirýär. Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Lýuksemburgda «Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa» formatynda daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň derejesinde nobatdaky maslahat geçirildi. Onuň çägindäki duşuşyklarda Ýewropa Bileleşiginiň ýokary wezipeli wekilleri Ýewropanyň Maýa goýum banky bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ýola goýmak mümkinçiligine garamagy teklip etdiler.

Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan üçin Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklar häzirki wagtda we geljekde hem ýurduň daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Iki tarap hem hyzmatdaşlygyň anyk görkezijileri we ileri tutulýan ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmäge ygrarly bolup, Türkmenistan bilen ÝB toplumlaýyn dialogyň möhüm ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy has-da ysnyşykly we hil taýdan täze derejelere çykarmaga gyzyklanma bildirýär.

**Abdykerim BEKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Biotehnologiýa boýunça täze maksatnama

Hormatly Prezidentimiziň 10-njy maýda Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisinde «Türkmenistanda biotehnologiýany toplumlaýyn ösdürmegiň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekmegi biotehnologiýanyň kömegi bilen ýurdumyzda ösen biosenagaty emele getirmegiň ylmy esaslaryny işläp düzmekde möhüm ädime öwrüldi. Täze Maksatnama we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy degişli ministrlikler hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi tarapyndan işlenip taýýarlanyldy. Täze kabul edilen maksatnama bilen bilelikde, biotehnologiýanyň kömegi bilen ýurdumyzda ösen biosenagaty emele getirmek göz öňünde tutulýar.



Ylmyň we bilimiň çalt depginlerde ösmegi bilen dünýäde «ýaşyl» ykdysadyýetiň möhüm ugurlary: eko-, nano-, bio- we maglumat tehnologiýalary giň gerime eýe bolýar. Biotehnologiýa, käbir tehnologiki meseleleri çözmek üçin janly organizmleri ýa-da metabolik önümlerini ulanmak mümkinçiligini öwrenýän ylymdyr. Biotehnologiýanyň kömegi bilen adamyň käbir zerurlyklary kanagatlandyrylýar, mysal üçin: derman serişdeleri işlenip düzülýär, ösümlikleriň we haýwanlaryň täze görnüşleri döredilýär, azyk önümleriniň hili ýokarlandyrylýar.

Biotehnologiýa ylym hökmünde XX asyryň ahyrynda, ýagny 70-nji ýyllaryň başynda özüni tanatdy. Bularyň hemmesi genetiki inženerçilikden başlandy, bu hem alymlaryň genetiki materiallaryň üstünde alyp baran täzeçil işläp düzmeleriniň hasabyna amala aşyryldy.

Häzirki zaman ylymlarynda biotehnologiýanyň orny has köp duýlup başlandy. Biotehnologiýa uly ähmiýete eýe bolmak bilen, genetiki inženerçiligiň ýola goýulmagy netijesinde oba hojalygyna peýdaly täze ösümlik görnüşlerini we tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek mümkin boldy.

Biotehnologiýany öwrenmek diňe bir biologiýa ylymlary bilen baglanyşykly däl. Nebit ýataklarynda nebitiň çykarylyşyny artdyrmak üçin hem biotehnologiýa zerurdyr. Iň ösen sebit, senagat we içerki hapa suwlary arassalamak üçin ekologiýada hem biotehnologiýany ulanmak maksadalaýyk hasaplanýar.

Beýleki köp ugurlaryň kemala gelmegine hem biotehnologiýa uly goşant goşdy. Şonuň üçin biotehnologiýa toplumlaýyn ylym hökmünde biziň durmuşymyza aralaşýar. Biotehnologiýany işjeň öwrenmegiň we kämilleşdirmegiň ýene bir sebäbi durmuş-ykdysady zerurlyklaryň ýetmezçilikleriniň öňüni almak üçin hem bähbitlidir. Ol hem süýji we arassalanan agyz suwunyň ýetmezçiligini aradan aýyrmak, himiki serişdeleriň daşky gurşawy hapalamagynyň öňüni almak, energiýa serişdelerine bolan zerurlyklary hem-de ekologiýa taýdan arassa önümlere bolan islegi kanagatlandyrmak nukdaýnazaryndan möhüm ylmy ugurlaryň biridir.

Häzirki zaman dünýäsinde we adam durmuşynda biotehnologiýanyň açýan mümkinçilikleri diňe bir esasy ylymda däl, eýsem, beýleki iş we bilim ugurlaryndada uludyr. Biotehnologik usullary ulanmak bilen ähli zerur beloklary köpçülikleýin öndürmek mümkin boldy. Genetiki inženerçilik biotehnologiýanyň esasy ugry hökmünde azyk, oba hojalygy, energiýa we daşky gurşaw ugrunda käbir derwaýys çözgütleri tapmak işini ep-esli çaltlandyrýar.

«Forbes» žurnalynda biotehnologiýa babatda dünýäniň öňdebaryjy işläp düzmelerine eýe bolan kompaniýalaryň sanawy çap edildi. Olar «Genentech», «Novartis International AG», «Merck & Co», «Pfizer», «Sanofi», «Perrigo» ýaly kompaniýalar bolup, bu ugurda uly işleri alyp barýarlar.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 17-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114001
Belgisi: 20/1586
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Täze hökümetiň düzümi tassyklandy

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin «Federal ýerine ýetiriji edaralaryň gurluşy hakynda» Karara gol çekdi. Bu barada Kremliň web sahypasynda habar berildi.

Soňra Prezident Wladimir Putiniň täze hökümet üçin hödürlän dalaşgärleri Federasiýa Geňeşinde we döwlet Dumasynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Russiýanyň täze hökümetinde jemi 21 ministrlik bolar.

12-nji maýda Prezident Wladimir Putin Howpsuzlyk Geňeşiniň sekretary wezipesine Sergeý Şoýguny belledi. Nikolaý Patruşew ady agzalan wezipeden boşadylyp, Prezidentiň kömekçisi wezipesine bellendi.

Russiýa Federasiýasynyň hökümetiniň Başlygynyň öňki birinji orunbasary, ykdysatçy Andreý Belousow goranmak ministri wezipesine bellendi. 65 ýaşly Belousow 2020-nji ýylyň ýanwar aýynda Premýer-ministriň birinji orunbasary boldy. Ondan öň hökümetiň maliýe we ykdysady bölüminde we Ykdysady ösüş ministrliginde ýokary wezipelerde işledi. Ol 2013-nji ýylda Putiniň geňeşçisi wezipesine bellendi.

10-njy maýda Wladimir Putin Russiýa Federasiýasynyň Premýer-ministri wezipesine Mihail Mişustini bellemek baradaky karara gol çekdi. Russiýanyň Premýer-ministriniň jemi 10 orunbasary bolar. Senagat we söwda ministri Denis Manturow Premýer-ministriň birinji orunbasary boldy we senagat pudagyna gö-



zegçilik etmegini dowam etdirer. Mihail Mişustin Premýer-ministr wezipesini 2020-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri dowam etdirýär. Ondan öň Russiýanyň Federal salgyt gullugyna 10 ýyl ýolbaşçylyk etdi. Premýer-ministr ykdysady ylymlaryň doktorydyr. Şeýle hem ol 2013-nji ýyldan bäri Russiýanyň hökümetiniň ýanyndaky Maliýe uniwersitetiniň salgyt fakultetiniň ylmy müdiridir.

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

12-nji maýda Litwada geçirilen Prezident saýlawlarynda Litwanyň häzirki Prezidenti Gitanas Nauseda sesleriň 46 göterimine we onuň esasy bäsdeşi Premýer-ministr Ingrida Şimonite, sesleriň 16 göterimine eýe bolup, ikinji tapgyra çykdylar. Prezidentlige dalaşgärleriň ikiside saýlawlaryň birinji tapgyrynda ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan sesleriň 50 göteriminden gowragyny alyp bilmediler we ikinji tapgyra çykandyklary barada mälim etdiler. Indi ses berişligiň ikinji tapgyry 26-njy maýda geçiriler. Şeýle hem ýekşenbe güni geçirilen saýlawlarda Litwanyň raýatlary iki raýatlyga rugsat berýän Kanuna üýtgetmeler girizmek boýunça sala salşyga-da ses berdiler.

Litwa Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän ýurt. Ilaty 2 million 866 müňden gowrak. Baltika deňzine çykalgasy bo-



lan bu ýurt Latwiýa, Belarus, Polşa we Russiýanyň Kaliningrad sebiti bilen serhetleşýär. Paýtagty Wilnýus. Şeýle hem Litwa 2004-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasydyr.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

► **Şotlandiýanyň täze Premýer-ministri.** Şotlandiýanyň parlamenti Jon Suinnini hökümetiň täze Baştutany wezipesine saýlady. Suinni wezipesini tabşyran Hamza Ýusufyň ýerine geçmek bilen, Şotlandiýanyň taryhynda ýedinji Premýer-ministr boldy. Mundan öň Suinni wise-premýer wezipesinde we hökümetiň beýleki esasy wezipelerinde işledi.




► **Dünýäniň iň uzyn çöregi.** Fransiýaly çörekçiler 140,53 metr uzynlykdaky çöregi bişirip, dünýä rekordyny täzelediler. Rekord uzynlykdaky bageti bişirmek üçin 90 kilogram un, 60 litr suw, 1,2 kilogram duz we 1,2 kilogram hamyrmaýa ulanyldy. Öňki rekord 133 metr uzynlykdaky çöregi bişiren italiýaly çörekçiler tarapyndan goýuldy.



► **Muhammet Alynyň öýi satlykda.** Dünýä belli boksçy Muhammet Alynyň 1979-1984-nji ýyllar aralygynda Los-Anjelesdäki ýaşan öýi ABŞ-nyň auksionynda satylýar. Mülküň onlaýn söwdasy 26-njy aprelde başlady. Onuň başlangyç bahasy 13,5 million dollara deň.



# Dünýäniň iň arassa howa menzilleri

Tokionyň Haneda howa menzili dünýäniň 570 howa menziliniň arasynda arassalyk babatda öňdeligi eýeledi. Bu barada Londondaky dünýäniň awiakompaniýalarynyň we howa menzilleriniň işine baha berýän «Skytrax World Airport Awards» merkeziniň sanawynda mälim edilýär. Ýolagçylaryň beren bahalary esasynda düzülen sanawda Haneda howa menziliniň arassaçylyk babatda öwgä mynasypdygy belli boldy. Bu bolsa pandemiýadan soň, arassaçylygyň iň möhüm talaplaryň birine öwrülen döwründe aýratyn ähmiýete eýedir. Haneda howa menzilinden başga-da, Ýaponiýanyň Nagoýa (5-nji orun), Narita (6-njy orun) we Kansaý (7-nji orun) ýaly ýene 3 howa menzili ilkinji onluga girdi.

Sanawda Ýaponiýadan başga-da Aziýanyň howa menzilleri göze ilýär. Seulyň Inçhon howa menzili ikinji orny eýeledi, ondan soň Singapuryň Çangi howa menzili, Dohanyň Hamad howa menzili bar. Sýurih howa menzili 10-njy orny eýeläp, Ýewropanyň ilkinji onluga giren ýeketäk howa menzili boldy.

Şeýle-de, «Skytrax» dürli sebitlerdäki iň arassa howa menzillerini ýatlap geçdi. Olaryň hatarynda Kanadanyň Wankuwer, Ekwadoryň Kito, Kosta-Rikanyň Huan Santamariýa, Günorta Afrika Respublikasynyň Keýptaun, Awstraliýanyň Brisben, Hytaýyň Şanhaý Hunsýao, Hin-



distanyň Bangalor howa menzilleri bar.

Indi 25 ýyl bäri düzülip gelinýän «Skytrax»-yň sanawy dünýäniň millionlarça ýolagçylarynyň garaýyşlaryna esaslanýar. Häzirki wagtda dünýäde howa menzillerinden amala aşyrylýan ýolagçy gatnawlaryna bolan isleg has-da artyp, her ýyl 8,5 milliarddan gowrak adam howa ýollarynyň hyzmatlaryndan peýdalanýar.

# GLOBAL MAÝLAMANYŇ ÖŇÜNI ALYP BOLAR

Amerikaly we ýewropaly alymlar klimat boýunça Pariž şertnamasyny doly ýerine ýetirmek we global maýlamany 1,5 derejede saklamak üçin adamzadyň şu asyryň ortalaryna çenli her ýyl atmosferadan 5,1 milliard tonna kömürturşy gazyny aýyrmalydygyny anykladylar. Bu barada Beýik Britaniýanyň Gündogar Angliýa uniwersitetiniň (UEA) metbugat gullugy habar berdi.

Bu ozal çak edilişinden ep-esli köpdür we başda meýilleşdirilişi ýaly, zyňyndylaryň kem-kemden nola çenli azaldylmagynyň ýeterlik däldigini aňladýar. Beýik Britaniýanyň Gündogar Angliýa uniwersitetiniň (UEA) klimatologlarynyň pikirine görä, dünýäniň ýurtlary kömürturşy gazyny sorup almagyň we saklamagyň tehnologiýalaryny işläp düzmek hem-de ornaşdyrmak üçin tagallalary işjeňleşdirmeli. Şol bir wagtyň özünde zyýanly gazlaryň zyňyndylaryny mümkin boldugyça çalt azaltmaga çalyşmalydyr.

Barlag geçirijiler dürli ýagdaýlary seljerip, zyňyndylary azaltmak boýunça ähli borçnamalar ýerine ýetirilendäki iň optimistik çaklamada-da her ýyl atmosferadan 3,2 milliard tonna kömürturşy gazy çykarylmaly bolar diýen netijä geldiler. Bu maksatlara ýetmek täze tehnologiýalary ösdürmekde we ornaşdyrmakda epesli maýa goýumlaryny, şeýle hem giň gerimli halkara hyzmatdaşlygyny talap edýär.



2015-nji ýylda gol çekilen klimat boýunça Pariž şertnamasy howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreşmäge gönükdirilen halkara şertnamasydyr. Ylalaşygyň maksady global temperaturanyň ýokarlanmagyny senagatdan öňki derejeler bilen deňeşdirilende, 1,5-2 gradusa çenli çäklendirmekden ybarat. Ylalaşyga gatnaşýan ýurtlar ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmaga we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmäge maýa goýmaga borçly edildi.

## TARYHDA ŞU GÜN

1928-nji ýylyň 17-nji maýynda Niderlandlaryň paýtagty Amsterdamda IX tomusky Olimpiýa oýunlary açylýar. 12-nji awgusta çenli dowam eden oýunlara jemi 3 müň 14 türgen gatnaşyp, olaryň 290-syny zenanlar düzýär. Oýunlarda ABŞ-nyň topary jemi 56 medal bilen öňdeligi eýeläp, şolardan 22-si altyn medalyň eýeleridir.




# ÝAŞAMA DOSTLUGY nädip saýgarmaly?!

**Dost we dostlukly gatnaşyklar durmuşda adam üçin iň derwaýys zatlaryň biridir. Begeneniňde ýa-da gynananyňda ýagdaýyň barada ilki bilen dostuňa gürrüň berilýär. Belli bir karara gelip bilmän ikirjiňlenen halatyňda hem dostuňdan maslahat soralýar. «Köne dost – eýerli at» diýlişi ýaly, ilkinjileriň hatarynda halyňdan habar alýan hem ýene-de dostuň... Adam ömrüniň dowamynda birnäçe dost gazanyp biler. Gatnaşýan dostlarymyzyň hemmesi çyn dostmy? Siz dostlaryňyz barada nähili pikirde? Psihologlar ýasama dostlugy gizläp bolmajak 9 gylyk-häsiýet barada belläp geçýärler. Geliň, bize ýakyn adamlaryň çyn ýa-da ýasama dostlugy barada tanyş bolalyň!**

**DURNUKSYZLYK.** Ýasama dostlar köplenç bir zada mätäç bolanda ýa-da kyn ýagdaýa düşende sizden kömek soraýar. Emma size bir zat gerek bolanda, ýagny dostuňyza ýüz tutanyňyzda gerek zadyňyzyň özünde ýokdugyny ýa-da şol işi bitirip bilmeýändigini aýdar. Şeýle hem ol zerur bolanda wagtlaýyn ýitip gider ýa-da bahana tapyp biler. Umuman şeýle dostlaryň «ýüpünüň üstüne odun goýup bolmaýar».

**BIR TARAPLYLYK.** Käbir gatnaşýan dostlaryňyz bir taraply bolup görünmegi mümkin. Olar bilen söhbetdeş bolanyňyzda öz isleýän zady ýa-da özüni gyzyklandyrýan zatlar barada gürrüň edip, siziň isleýän zatlaryňyza parhsyz bolup biler. Şeýle hem siz bilen bagly zatlara kän bir üns bermezler. Diňe sizde bar bolan we özleri üçin gyzykly hem-de peýdaly bolan zatlary soraşyp bilerler.



**YNAMSYZLYK.** Psihologlaryň bellemegine görä, galp dostlar ygtybarsyz bolup, size beren wadalaryny seýrek ýagdaýda ýerine ýetirerler. Mysal üçin, bilelikde bir işi amala aşyrmak barada meýilnama düzüp, soňam yza çekilip bilerler. Ýa-da size kömek etjekdigini aýdyp, iň soňky minutlarda sözünden dänip, bahana tapyp, gelmän bilerler.

**KEM BAHA BERMEK.** Ýasama dostlar sizi başgalaryň öňünde masgaralap ýa-da kemsidip bilerler. Şeýle hem, size zyýan berenlerinden soň, hakykaty aýdandygyny belläp, size kömek etjek bolýandygyny aýdyp bilerler. Mysal üçin, başgalaryň



hemmesi täze eşigiňiziň owadan gelşendigini aýtsa-da, görip dostuňyz kem baha berip biler. Şeýle ýagdaýda ruhdan düşmek, özüňizi bagtsyz duýmak nädogry hasaplanýar.

**WEPASYZLYK.** Ýasama dostlar size wepaly bolup bilmezler. Başgaça aýdylanda, olara ynanyp syryňyzy aýtsaňyz, ýa bir zady paýlaşsaňyz, olar başgalaryň ýanynda siz barada erbet zatlary aýdyp, ýa-da myş-myşlar ýaýradyp bilerler.

**BASDAŞLYK.** Siziň gazanan üstünlikleriňize ýa-da ýeten derejeleriňize ýasama dostuňyz gysgançlyk gözi bilen garap, siz bilen ýaryşyp biler. Mysal üçin, siziň edenleriňizi gaýtalar, sizden has gowy geýinjek bolar, siziňkiden gowy ulag ýa-da öý aljak bolar. Umuman ýasama dostlar size guwanýan ýaly görünse-de, «kim ökde» ýaryşyny dowam etdirýärler.

**ÇÄKDEN GEÇMEK.** Her bir ynsanyň şahsy giňişligi, şahsy durmuşy we duýgular dünýäsi bar. Bu babatda ýasama dostlar çäk saklamaýar. Olar serhetden geçip, siziň durmuşyňyza, maşgala meseleleriňize ýa-da duýgularyňyza aralaşyp, äsgermezçilik edip bilýärler. Ejiz, syrly ýerleriňizi özüne belläp goýup, gerekli ýerinde ýüzüňize basyp bilýärler.

**BÄHBIT GÖZLEMEK.** Ýasama dostlar size haýsydyr bir zerurlyk üçin dost bolýarlar. Öz bähbitlerini, gerek zatlaryny alandan ýa-da gazananlaryndan soň, size bolan gyzyklanmasy azalyp, uzaklaşyp başlaýarlar.

**TÄSIR ETMEK.** Ýasama dostlar sizden islän zadyny almak ýa-da size islän zadyny etdirmek üçin gep berýärler. Özüňizi her bir zatda günäkär hasaplamaga mejbur edip, duýgularyňyzy ulanyp, islän zadyny edip bilýärler. Köplenç ýasama dostlaryň gepine gidilip, köp zadyňy ýitirýärsiň. Ýasama dostlaryň gepine gitmek, esasan hem, maşgala meselelerine goşmak ýalňyş hasaplanýar. Psihologlar «Synalmadyk dost – çakylmadyk hoz» diýlişi ýaly, gatnaşýan dostlaryňyzy ýakyndan tanamagy, käbir ýagdaýlarda synap görmegi belleýärler. Şeýle hem size çyn dost ýaly çemeleşip, durmuşyňyza we duýgularyňyza ters täsir edýän adamlardan uzaklaşmagy maslahat berýärler.

# Amiş halky: XVII asyra syýahat

**Dünýäde her bir halkyň özüne mahsus medeniýeti we ýaşaýyş durmuşy bar. Medeniýetleriň we durmuş şertleriniň köpüsi biri-birine gabat gelýän hem bolsa, käbiri görenleri haýrana goýýar. Şeýle halklaryň biri hem amişler bolup, häzirki zaman durmuş şertlerini düýbünden ret edýärler. Demirgazyk Amerikada ýaşaýan bu halk tehnologik serişdeleri, häzirki zaman ulaglaryny ulanmazdan «XVII asyrda ýaşaýarlar». Taryhy ýerlere we gadymyýete gezelenç etmegi halaýan syýahatçylaryň ünsüni çekýän amiş halky XVII asyryň egin-eşiklerini geýip, oba hojalyk işlerini zähmet gurallary we iş maly bilen ýerine ýetirýärler. Ulag serişdelerinden uzakda ýaşaýan bu halk bir ýere gitmeli bolanlarynda hem at arabasyny ulanýarlar. Gazetimiziň şu sanynda täsin durmuşda ýaşaýan amiş halky barada ýakyndan tanyşdyrmagy makul bildik.**





Amişler häzirki zaman tehnologiýalaryny we amatlyklaryny ulanmagy halamaýarlar we tersine ýönekeý durmuş ýörelgesinde ýaşamaga üns berýärler. Olar bu takwa tertip-düzgüne berk eýerip, birnäçe asyrdan bäri dowam etdirip gelýärler. Dini ynançlaryna görä, bu halk ýönekeý ruhy durmuşda ýaşamak ykbalyna ýazylan diýip düşünýär. Amiş halky Amerikanyň 30-a golaý ştatyna ýaýran halk bolup, hemmesinde birmeňzeş düzgünler dowam edýär. Gepleşik dilinde bu halk ýaşaýan sebitine görä, iňlis, nemes dillerinde gepleşýärler. Amişler Amerikanyň iň çalt köpelýän ilat topary bolup, häzirki wagtda 300 müň töweregi amiş halky bar.

Amiş halkynyň köp bölegi awtoulag edinmegi, elektrik toguny ulanmagy, oba hojalyk tehnikalaryny ulanmagy, telewizor, radio we kompýuter edinmegi, ýokary okuw mekdeplerinde okamagy ret edýär. Şeýle hem bu halkyň däbine görä surata düşmek gadagan edilýär. Amiş halkynda 18 ýaşda durmuş gurmaga rugsat berilýär we saýlan ýaryňdan ýa-da ýanýoldaşyňdan aýrylyşmak gadagan edilýär.

Amişleriň gündelik durmuşynda ekerançylyk esasy orny eýeleýär. Mundan başga-da, telekeçilik kärhanalarynda zähmet çekýän agaç ussalarynyň we oba hojalyk gurallaryny ýasaýanlaryň köpüsi amiş halkyndandyr. Bu halkdan bolan ýaş nesiller hem edil beýlekiler ýaly bilim alýarlar. Ýöne geýim-gejiminde, gatnaw ulgamynda öz milliligini saklaýarlar. Kellesi ýaglykly, gök köýnegine öňlük dakylan gyzjagazlary we kellesi sary şlýapaly, egnaşyr kemerli jalbarly oglanjyklary kakasy at arabasynda mekdebe äkidip getirýär. Amiş çagalary sekizinji synpa çenli mekdebe gatnaýarlar. Amerikada amiş halky köpçülikleýin ýygnaklara çagyrylmaýar. Şeýle hem bu halk harby gullukdan, salgytlardan boşadylýar. Amişler döwlet edaralarynda işlemeýändigi sebäpli, saýlawlarda hem ses bermeýär.

# Ýaz paslynyň meşhur miwesi

**Ýertudana adam bedeni üçin zerur bolan miweleriň biridir. Ol dartgynly ýagdaýlarda köşeşmäge, immuniteti güýçlendirmäge we gan aýlanyşyny gowulandyrmaga ýardam edýär. Bu miwäniň özboluşly tagamy hiç kimi biparh goýmaýar.**

**Ýertudana bägülgüllüler maşgalasyna degişli bolan köpýyllyk ösümlik bolup, iýilýän görnüşi ilkinji gezek XV asyrlarda peýda bolýar. Ata Watany Demirgazyk Amerika hasaplanýan bu miwe birnäçe asyrdan soňra medeniýetleşdirilip, täze görnüşleri peýda bolýar. Ýertudananyň düzüminde köp sanly peýdaly maddalar we ýokumly serişdeler saklanýar. Miwäniň ýerde bitýän bu görnüşi maý-iýun aýlarynda ýetişýär. Çigidi daşynda ýerleşýän bu miwäniň Ýer ýüzünde 600 töweregi (ak, gülgün, gyzyl, sary, altynsow reňkli) görnüşi bar.**

**Ýertudana irki ýyllardan bäri halk lukmançylygynda ulanylyp gelnen dermanlyk ösümlikleriň biri hasaplanýar. Ýertudananyň iýmişinden we guradylan ýapraklaryndan dürli melhemler taýýarlanypdyr. Sowuklamada giňden ulanylan bu miwäniň düzüminde köp mukdarda şeker, kalsiý, fosfor, marganes, uglewodlar, demir, kobalt, pektin ýaly maddalar we witaminler saklanýar. Bu miwe ýürek-damar, böwrek, aşgazan keseliniň öňüni almaga, deri kesellerini bejermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem ýertudananyň mikroblara garşy işjeňlik häsiýeti bar. Her gün ortaça mukdarda (10-12 sany) ýertudana iýmek bedeni zerur bolan A, C witamini, kaliý, kalsiý, magniý we folat bilen üpjün edýär. Ýertudana aşa köp iýlende böwrekde daş döremegine sebäp bolup biler.**



**Ýertudananyň saglyk üçin peýdaly taraplary:**

**Immuniteti güýçlendirýär.** Ýertudananyň düzüminde köp mukdarda C witamini saklanýar. Bu bolsa immuniteti güýçlendirmäge ýardam edýär. Ýertudanany mazaly ýuwanyňdan soň, terligine iýmek bedeni C witamini bilen üpjün edip, kesele garşy durujylygyny güýçlendirýär.

**Ganazlyga peýdaly.** Ýertudana folata, ýagny B9 witamine baý miweleriň biridir. Bu madda bedende gan öýjükleriniň kadaly derejede öndürilmegini üpjün edip, ganazlyga sebäp bolýan ýagdaýlaryň öňüni alýar. Göwreli we çagaly aýallaryň ýeterlik derejede ýertudana iýmegi ganazlygyň öňüni almaga ýardam edýär.

**Derini çeýe saklaýar.** C witamini deriniň çeýeligini üpjün edýär. Tomsuna, esasan hem, howanyň jokrama günleri ýeterlik derejede ýertudana iýmek ultramelewşe şöhleleriniň derä zeper ýetirmeginden goraýar. Şeýle hem ýertudana deriniň garramagynyň öňüni alýar.

**Ýürek-damar üçin peýdaly.** Her gün ýeterlik derejede ýertudana iýmek ýürek-damar ulgamynda döräp biljek howplaryň öňüni alýar. Bu miwäniň düzümindäki bioaktiw maddalar erkin radikallara garşy göreşmäge, stresi azaltmaga, arteriýanyň gatamagynyň öňüni almaga (ateroskleroz) we gan basyşyny kadaly derejede saklamaga ýardam edýär.

**Ýady güýçlendirýär.** Ýertudananyň düzümindäki askorbin kislotasy we C witamini beýniniň nerw öýjüklerini örtýän gabygyň zeperlenmeginiň öňüni alyp, ýatkeşligi, çalt karara gelmek we ýat tutmak endigini güýçlendirmäge ýardam edýär.

Şeýle hem ýaz paslynyň bu meşhur miwesi holesteriniň döremek howpuny azaltmaga, içgatamanyň öňüni almaga, diş etini çeýe saklamaga, gandaky şekeri kadaly derejede saklamaga ýardam edýär.

# LOTOS GÜLÜNE MEŇZEŞ MUZEÝ



Singapuryň merkezinde ýerleşýän «ArtScience» muzeýi 2011-nji ýylda açylyp, sungaty, ylmy, medeniýeti we tehnologiýany birleşdirýän medeni ýadygärlik hasaplanýar. Lotos gülüne meňzedilip gurlan bu muzeý Singapuryň meşhur binalarynyň biridir. Bu ýerde, esasan, çagalar üçin gezelençler we sergiler guralýar. Ýerli halkyň arasynda «Singapuryň hoşniýetli eli» diýlip atlandyrylýan bu bina eliň aýasy ýaly tegelek bölekden, 10 «barmakdan» ybarat. Her barmagyň ujunda reňkli ýşyklandyryş şöhlesi bolup, ol muzeýiň gijeki gözelligini artdyrýar. Asmandan inýän ýagyş suwy jam şekilli üçekden aşak akyp, 7 metr belentlikdäki özboluşly şarlawugy emele getirýär.

«ArtScience» muzeýinde umumy meýdany 6 müň inedördül metre barabar bolan 21 galereýa meýdançasy bar. Bu ýerde çagalara 16 interaktiw sungat gurnamalaryny hödürleýän 4 bölümde: tebigat, şäher, seýilgäh we kosmos bölümlerinde gezelençler, gyzykly başdangeçirmeler garaşýar. Tebigat bölüminde älem planetalarynyň, janly-jandarlaryň, ösümlikleriň hereketleri esasyndaky üç ölçegli şekiller görkezilýär. Bularyň arasynda iň gyzyklysy «Miwe meýdany» bolup durýar. Şäher bölüminde ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky mähir-söýgi, çagalaryň ösüş aýratynlyklaryny beýan edýän wirtual oýunlar guralýar. Seýilgäh bölüminde dynç alyş çäreleri geçirilip, tebigaty goramaga degişli slaýdlar görkezilýär. Kosmos bölümi çagalaryň iň söýgüli meýdançasy bolup, bu ýerde 170 müňden gowrak LED çyrasy kosmos giňişligini janlandyrýar. Özüňi ýyldyzlaryň arasynda ýaly duýup bolýan bu meýdança edil jadyly düýşe meňzeýär.

# Mör-möjekler näçe metr beýiklige UÇUP BILÝÄRLER?!

Tebigaty öwreniji alymlar bu sowalyň jogabyny tapmak üçin uzak ýyllaryň dowamynda mör-möjekleriň ýaşaýyş aýratynlygyny öwrendiler. Netijelere görä, mör-möjekler adatça, 5 müň metr belentlikden aşakda ýaşaýarlar. Şeýle-de bolsa, käbir mör-möjege has ýokary belentlikde hem duş gelmek bolýar. Alymlar 5 müň metr belentlikden ýokarda duş gelýän kiçijik uçujylaryň şemalyň, howa akymynyň täsiri bilen ýokary çykýandygyny aýdýarlar. Bu ýagdaý wagtlaýyn bolup, janly-jandarlaryň has ýokary belentlikde ýaşamagy üçin amatly şertler (howa, iýmit) azalýar.



### MÖR-MÖJEKLER BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Gara meneklije, sarymtyl ýa-da gyzyl reňkli tomzajyklar bolan kekeneleriň tropik howaly ýerlerde gök we ýaşyl reňkli görnüşleri gabat gelýär. Bu jandarlar oba hojalygyna zyýan beriji mör-möjekleri iýýärler.
- Teneçirleriň, esasan, iki görnüşi bolup, olaryň biriniň ganatlary uçmaýan wagty açyk, beýlekisiniňki bolsa biri-birine degip durýar. Teneçirler dört ganaty bolan seýrek duş gelýän mör-möjek hasaplanýar.
- Arylar we beýleki mör-möjekler bal ýygnamak üçin güllere gonanlarynda olaryň tozgalanmagyna hem ýardam berýärler.
- Möýüň kerebi polatdan bäş esse berk bolýar.
- Käbir mör-möjekler dürli maksatlar bilen kosmos giňişligine iberilýär.
- Mör-möjekleriň suwuň ýüzünde ýöräp bilýän görnüşleri hem bar.
- Güýeler biri-biriniň ysyny 1,5 kilometr uzaklykdan alyp bilýärler.
- Teneçirler ähli tarapy görüp bilýärler.
- Çekirtgeler göwresiniň 20 esse uzynlygyna böküp bilýärler. Ýagny çekirtge bir gezekde 2 metre çenli aralyga böküp bilýär.



# Dünýäniň iň kiçi uçary

1973-nji ýylda «BedeCorp» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen BD-5 atly bir orunlyk uçar dünýäniň iň kiçi uçary hasaplanýar. Bu uçar häzirki wagtda hem Ginnesiň rekordlar kitabyna giren iň kiçi uçar hasaplanýar. Bu kindiwanja howa gämisiniň reaktiw hem-de perli motorly görnüşleri bar. Uçaryň BD-5A we BD-5B atly iki sany perli görnüşiniň ganatynyň giňligi degişlilikde, 4,5 we 6,5 metre barabar. Reaktiw hereketlendirijili modeli BD-5J-iň ganatynyň giňligi 5,3 metre deň. Uzynlygy 4 metre barabar bolan BD-5-iň agramy 140,5 kilogram bolup, tizligi sagatda 341 kilometre ýetýär.

Sessizligi we ygtybarlylygy bilen tapawutlanýan bu kiçijik uçarlar awiasiýa sergilerinde uly gyzyklanma döredýär.




Ahmet BABAÝEW, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.







Labirint





10 tapawudy tapyň!



27-nji krosswordyň jogaby:





## Bir sözlemde



❯ Italiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Ýuwentus» Rimde «Atalantany» Wlahowiçiň 4-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda ýeňip, 15-nji gezek kubogy eýeledi («Atalanta» bolsa soňky 5 ýylda 3-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy).

❯ AFK Çempionlar Ligasynyň finalynyň 1-nji duşuşygynda Ýaponiýanyň «Ýokohama F. Marinos» topary öz meýdançasynda BAE-niň «Al-Ain» toparyndan 2-1 (Uenaka 72, Watanabe 84 – Abbas 12) hasabynda üstün çykdy (jogap duşuşygy 25-nji maýda BAE-de oýnalar).

❯ Germaniýanyň 2-nji ligasy «Bundesliga II»-de ilkinji 2 orny eýelemäge hukuk gazanan «Holştaýn Kil» topary 123 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» oýnamaga hukuk gazandy (beýlekisi «Sankt-Pauli» topary bolup, 13 ýyldan soň «Bundesliga» beýgeldi).

❯ Saud Arabystanynyň çempionaty SPL-de 31-nji tapgyrda «Al-Hazm» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykan «Al Hilal» topary möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda 19-njy çempionlygyny yglan etdi.

❯ Russiýanyň Kubogy ýaryşynda SSKA-dan üstün çykan «Zenit» bilen «Spartagy» ýaryşdan çykaran «Baltika» 2-nji iýunda geçiriljek finalda duşuşarlar.

❯ NBA-da 5-nji duşuşygynda öz meýdançasynda «Kliwlend Kawaliersi» 113:98 ýeňip, umumy hasapda 4–1 öňe saýlanan «Boston Seltiks» Gündogar Konferensiýada bassyr 3-nji, umumylykda 23-nji sapar finala çykdy.

# ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 13 | 13 | 0 | 0 | 67–7 | 39 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 13 | 9 | 1 | 3 | 31–15 | 28 |
| 3 | «AHAL» | 14 | 9 | 1 | 4 | 29–16 | 28 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 14 | 7 | 0 | 7 | 17–17 | 21 |
| 5 | «MERW» | 13 | 7 | 0 | 6 | 10–20 | 21 |
| 6 | «AŞGABAT» | 14 | 5 | 1 | 8 | 13–30 | 16 |
| 7 | «NEBITÇI» | 13 | 4 | 0 | 9 | 10–29 | 12 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 13 | 2 | 3 | 8 | 9–26 | 9 |
| 9 | «ENERGETIK» | 13 | 0 | 2 | 11 | 7–33 | 2 |

Türkmenistanyň milli futbol çempionatynda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary uly hasaply ýeňiş gazanmagyny dowam edýär. «Arkadag» topary 14-nji tapgyrda «Aşgabat» toparyndan 7–1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýeleriniň gollarynyň 3-sini Didar Durdyýew (54, 56, 63), beýlekileri-de Welmyrat Ballakow (10), Begenç Akmämmedow (45+2) hem-de Begmyrat Baýow (52,87) geçirdi. Duşuşykda ilkinji bolup hasaby açan paýtagtlylaryň ýeke-täk pökgüsini 4-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Begmyrat Pirkulyýew derwezä girizdi. «Altyn asyr» bilen «Ahalyň» arasyndaky oýunda myhmanlar 2-0 öňe saýlansa-da, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady (Myrat Annaýew 66 p, Ata Geldiýew 84 ö.d. — Elman Tagaýew 16, Meýlis Diniýew 47).

14-nji tapgyrdaky beýleki 2 duşuşykda-da ýer eýeleri 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Maryda welaýat derbisinde «Merw» «Energetigi» Şazada Bäşimowyň (77), «Şagadam» bolsa öz meýdançasynda «Köpetdagy» Mekan Aşyrowyň (80 p) goly esasynda ýeňdi.

«Arkadag» topary 15-nji tapgyrda myhmançylykda «Köpetdagy» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky gollaryň 5-si 1-nji ýarymda geçirilip, «Arkadag» toparynyň adyndan Şamämmet Hydyrow (6), Arslanmyrat Amanow (7, 18) hem-de Begenç Akmämmedow (24, 60) tapawutlandy. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 9-njy minutda Baýramhan Kadyrow geçirdi.

«Altyn asyr» topary myhmançylykda «Aşgabat» toparyny 4-1 hasabynda ýeňdi. Myhmanlaryň artykmaçlygynda geçen oýunda «Altyn asyryň» gollaryny Selim Nurmyradow (33, 45), Röwşengeldi Halmämmedow (72) hem-de Arslan Saparow (77), «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa Azat Annaýew (17) derwezä girizdi. «Şagadam» hem myhmançylykda «Energetik» toparyny Mekan Aşyrowyň (16, 71 p) hem-de Arslan Ýollyýewiň (90+7) gollary esasynda 3–1 hasap bilen ýeňdi.

Tapgyryň ýeke-täk ýer eýesiniň ýeňiş gazanan duşuşygynda «Ahal» «Nebitçiniň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi (4–0). Gollary Akmämmet Metdäýew (23), Elman Tagaýew (59 p) hem-de Gurbanmuhammet Esenow (62, 85) öz atlaryna ýazdyrdylar.

*EURO 2024-e tarap*

# Täze çempionlar ýüze çykýar

**Ýewropa çempionatynyň taryhyndan (gysgaça) – 3**

**2 8 GÜN GALDY**

Ýewropa çempionaty 1980-nji ýylda 2-nji gezek Italiýada geçirilip, ýaryşa ilkinji sapar 8 topar gatnaşýar. 8 ýygyndy 2 toparça (Günbatar Germaniýa, Çehoslowakiýa, Niderlandlar, Gresiýa; Belgiýa, Italiýa, Angliýa, Ispaniýa) paýlanýar. Her toparçada 1-nji orny eýelänler — Günbatar Germaniýa bilen Belgiýanyň ýygyndylary finala çykýar. Finalda Günbatar Germaniýanyň ýygyndysy Hörst Hrubeşiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 1972-nji ýyldan soň 2-nji çempionlygyny baýram edýär. Italiýa bilen Çehoslowakiýanyň arasyndaky




duşuşygyň esasy wagty 1–1 deňlikde tamamlanyp, penaltilerde çehler ýeňiş gazanýar we bürünç medala mynasyp bolýar. Bu Ýewropa çempionatynyň çäginde 3-nji ýer üçin geçirilen iň soňky duşuşyk hökmünde hasaba alynýar. Ýaryşda germaniýaly Klaus Allofs 3 gol bilen iň netijeli futbolçy bolýar.

Çempionat 1984-nji ýylda Fransiýada geçirilip, oňa 8 ýygyndy gatnaşýar (Fransiýa, Daniýa, Belgiýa, Ýugoslawiýa; Ispaniýa, Portugaliýa, Günbatar Germaniýa, Rumyniýa). Bu gezek ýarym final duşuşyklary hem geçirilýär. Fransiýa Portugaliýany Žordaonyň gollaryna garşylyk Domerg hem-de Platininiň gollary esasynda goşmaça wagtda 3–2 ýeňýär. Ispaniýa bolsa penaltileriň netijesinde Daniýadan üstün çykýar (1–1, 4-5 p). «Park de Prens» stadionynda oýnalan finalda-da Fransiýanyň ýygyndysy Platini (57) we Bellonyň (90) gollary bilen Ispaniýany 2–0 hasabynda ýeňip, ilkinji çempionlygyny gazanýar. 5 oýunda 9 gol (toparçalarda 2-si het-trik) geçiren Mişel Platini rekord görkeziji bilen ýaryşyň iň netijeli futbolçysy baýragyny eýeleýär.

1988-nji ýyldaky çempionat Günbatar Germaniýada geçirilýär. 8 ýygyndynyň (Günbatar Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa, Daniýa; SSSR, Niderlandlar, Irlandiýa, Angliýa) gatnaşan ýaryşynda toparçalarda ýatdan çykmajak duşuşyklar hasaba alynýar. Ýarym finalda taryhy oýunda Niderlandlar ýer eýesi Günbatar Germaniýany 2–1 hasabynda ýeňýär (R. Kuman 74 p, Wan Basten 88 — Matteus 55 p). Ozalky Soýuzyň ýygyndysy bolsa Italiýany Litowçenko (58) hem-de Protasowyň (62) gollary bilen 2–0 ýeňip, 16 ýyldan soň 4-nji gezek finala çykýar. Münhen şäherinde oýnalan finalda-da Niderlandlar 2–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, ilkinji gezek yklym ýaryşynyň ýeňijisi bolýar. Niderlandlara taryhy çempionlyk gazandyran gollary 32-nji minutda Gullit bilen 54-nji minutda Wan Basten (futbolyň taryhyndaky owadan gollaryň biri hökmünde görülýär) geçirýär. 5 goly derwezä girizen Marko wan Basten ýaryşyň iň köp gol geçiren futbolçysy hökmünde hasaba alynýar.

*(Dowamy bar)*

# «Baýer» 59 ýyllyk rekordy täzeläp, finala çykdy

UEFA Ýewropa Ligasynda möwsümiň super topary «Baýer» özüniň ýeňlişsiz ýörişiniň üstüni final hem-de taryhy rekordy täzelemek bilen ýetirdi. «Romany» Rimde 2–0 hasap bilen ýeňen «Baýer» jogap duşuşygyna käbir ýyldyzlaryny esasy düzümde meýdança çykarmady. Lewerkuzendäki duşuşykda italýan kluby Leandro Paradesiň 43-nji we 66-njy minutlarda penalti urgularyndan geçiren gollary umumy hasaby deňledi. Ýöne «Baýer» toparynyň şu möwsümde özbolușly ýörelgesi bolup, topar soňky jürlewüge çenli göreşini ýokary depginde dowam etdirýändigi bilen meşhurlyk gazandy. Bu oýunda-da şol ýörelgä eýeren lewerkuzenliler 82-nji minutda rimliler üçin çärýek finalyň gahrymany Mançininiň awtogoly bilen aratapawudy 1 gola düşürdi. 90-njy minutda oýna giren Stanişiç 7 minutdan soň toparyny ýeňlişden halas eden goly derwezä girizdi we duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Şunlukda, geçen ýylyň maý aýyndan bäri ýeňilmän gelýän «Baýeriň» ýeňlişsizlik seriýasy 49 oýna ýetdi. Bu bolsa 59 ýyllyk rekordyň täzelenmegi diýmekdir. Portugaliýanyň «Benfika» topary 1963-nji ýylyň dekabry bilen 1965-nji ýylyň fewraly aralygynda yzly-yzyna 48 oýunda ýeňilmändi. «Baýer» topary UEFA-nyň 2-nji derejeli ýaryşynda 2-nji gezek finala çykyp, olar 1987/88 möwsüminde bu kubogy eýeläpdi. Şol ýyl finalda «Espanýol» bilen duşuşyp, myhmançylykda 3–0 utulan lewerkuzenliler öz meýdançasynda-da 3–0 hasap bilen ýeňipdi. Penaltileriň netijesinde-de üstün çykan «Baýer» UEFA-daky häzirlikçe ýeke-täk çempionlygyny gazanypdy.



«Baýeriň» finaldaky garşydaşy Italiýanyň «Atalanta» topary boldy. Italýan kluby öz meýdançasynda «Marseli» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji oýunda 1–1 deňme-deň oýnan «Atalanta» toparyna ýeňiş getiren gollary Lukman (30), Ruggeri (52) hem-de Ture (90+5) geçirdi. «Atalanta» topary taryhynda ilkinji gezek Ýewrokuboklarda finala çykdy.

Final duşuşygy 22-nji maýda Irlandiýanyň paýtagty Dublindäki «Aviva Arena» stadionynda oýnalar. Çarşenbe güni ýarygijede (00:00) başlanjak bu finala rumyniýaly Iştwan Kowaç eminlik eder.

**53 ÝYLDAN SOŇ FINALA ÇYKAN ILKINJI GREK KLUBY**

● UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da «Klub Brýuggeni» 2 oýnuň netijesi boýunça ýeňip, bassyr 2-nji gezek finalda oýnamaga hukuk gazanan «Fiorentinanyň» bäsdeşi Gresiýanyň «Olimpiakos» topary boldy. «Olimpiakos» ýarym finalyň jogap duşuşygynda-da «Aston Willany» ýeňmegi başardy. 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan grek toparynyň gollarynyň 2-sini hem 1-nji oýunda het-trik eden El-Kaabi (10, 78) derwezä girizdi. «Olimpiakos» topary «Panatinaikosdan» (1971) soň UEFA-nyň ýaryşlarynda finala çykan 2-nji topar hökmünde hasaba alyndy. «Olimpiakos» bilen «Fiorentinanyň» arasyndaky final duşuşygy 29-njy maýda Afinydaky «Agia Sofiýa» stadionynda oýnalar. Duşuşyga portugaliýaly Artur Soareş Diaş eminlik eder.



# Ožieniň 60-njy ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) möwsümdäki 5-nji ýaryşy Portugaliýada geçirilip, «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. Şu möwsümde bassyr 2-nji, karýerasy boýunça-da 60-njy ýeňşini baýram eden Ožie 337,04 kilometr aralygy 3 sagat 41 minut 32,3 sekuntda tamamlady. Ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň sürüjileri – estoniýaly Ott Tanak 2-nji, belgiýaly Tierri Noýwill 3-nji orna mynasyp boldy.**



**Bu ýaryşdan soň utugyny 110-a çykaran Noýwill sanawyň başyny çekmegini dowam edýär. 2-nji ýerdäki Elfin Ewansyň 86, 3-nji basgançakdaky Ott Tanagyň 86 utugy bar. Soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi Ožie 71 utukly watandaşy Adrien Furmodan 1 utugy az 5-nji orunda barýar.**

**Möwsümiň 6-njy ýaryşy 30-njy maý – 2-nji iýun aralygynda Italiýada geçiriler.**

# Şu möwsümde ilkinji gezek

**Moto GP boýunça möwsümiň 5-nji «Gran Prisi» Fransiýanyň Le Man şäherindäki «Bugatti» trassasynda geçirildi. Ýaryşda 27 aýlawy 41 minut 23,709 sekuntda tamamlan «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi, sanawyň lideri Horge Martin ýeňiş gazandy. Bu sprint ýaryşynda-da ýeňiji bolan Martiniň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 6-njy ýeňşidir. Ýeňijiden 0,446 sekunt yza galan «Ducati Gresini» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýaryşy 2-nji orunda tamamlady. «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi, soňky 2 ýylyň çempiony Françesko Banaia ýeňijiden 0,585 sekunt soň pellehana gelip, 3-nji orny eýeledi.**

**Bu ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Horge Martin birinjiligini saklap, ol utugyny 129-a ýetirdi. 2-nji orundaky Françesko Banaianyň 91 utugy bar. 89 utukly Mark Markes bilen Enea Bastianini 3-4-nji orunlary paýlaşýarlar.**



**Möwsümiň 6-njy «Gran Prisi» 26-njy maýda Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçiriler.**



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*17-nji maý (anna)*
**Fiorentina – Napoli (23:45)**

*18-nji maý (şenbe)*
**Dinamo – Krylýa Sowetow (16:00)**
**Soçi – Krasnodar (21:00)**
**Torino – Milan (23:45)**

*19-njy maý (ýekşenbe)*
**Arsenal – Ewerton (20:00)**
**Man. Siti – West Ham (20:00)**
**Liwerpul – W. Hempton (20:00)**
**Galatasaraý – Fenerbahçe (21:00)**
**Ahmat – Zenit (21:00)**
**Walensiýa – Žirona (22:00)**
**Wilýarreal – Real Madrid (22:00)**
**Inter – Lasio (21:00)**

*20-nji maý (duşenbe)*
**Bolonýa – Ýuwentus (23:45)**

# Yzly-yzyna 13-nji gezek çempion boldy

Bolgariýanyň çempionatynda soňky 12 ýylda bolşy ýaly, bu möwsümde-de çempion üýtgemedi. Razgrad şäheriniň «Ludogores» topary möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, çempionlygyny yglan etdi. Bu olaryň yzly-yzyna gazanan 13-nji çempionlygy bolup, bu görkeziji dünýä futbolynda iň ýokary 3-nji görkezijidir. Bu ugurda rekord Wanuatunyň «Tafea» toparyna degişli bolup, ýurduň paýtagty Port Wila şäheriniň wekili 1994 – 2009-njy ýyllar aralygynda yzly-yzyna 15 gezek çempionlyk gazanypdy. Latwiýanyň «Skonto» (1991 – 2004), Gibraltaryň «Linkoln» (2003 – 2016) klublary-da yzly-yzyna 14 gezek çempion bolupdylar.



Şeýle-de, Şotlandiýada «Seltik» bassyr 3-nji, umumylykda 54-nji çempionlygyny gazandy we bu ugurda 55 çempionlygy bolan «Reýnjerse» golaýlady. Horwatiýada «Dinamo Zagreb» yzly-yzyna 6-njy, umumylykda-da 25-nji gezek ýurduň çempiony bolmagy başardy. Ukrainada-da soňky duşuşykda «Dinamo Kiýewden» 1-0 hasabynda üstün çykan «Şahtýor Donesk» taryhyndaky 15-nji çempionlygyny baýram etdi.

### PREMIER LEAGUE (37) – 33 gol

**Fulham—Man. Siti: 0–4** (Gwardiol 13, 71, Foden 59, Alwares 90+7 p), **Bornmut—Brentford: 1–2** (Solanke 90 — Mbemo 87, Wissa 90+5), **West Ham—Luton: 3–1** (Word-Prouz 54, Souçek 66, Erti 77 — Sambi Lokonga 6), **Wulwerhempton—K. Palas: 1–3** (Mateus Kunýa 68 — Olise 26, Mateta 28, Eze 73), **Nýukasl—Braýton: 1–1** (Longstaff 45+5 — Weltman 1), **Tottenham—Börnli: 2–1** (Porro 32, Wan de Wen 82 — Brun-Larsen 25), **Ewerton—Şeffild Ý: 1–0** (Dukure 31), **N. Forest—Çelsi: 2–3** (Boli 16, Hadson-Odoi 75 — Mudrik 8, Sterling 80, Jekson 82), **M. Ýunaýted—Arsenal: 0–1** (Trossar 20), **A. Willa—Liwerpul: 3–3** (Tilemans 12, Duran 85, 88 — Martines 2 ö.d., Gakpo 23, Kuansa 48)

### SERIE A (35) – 25 gol

**Torino—Bolonýa: 0–0, Monza—Lasio: 2–2** (Džuriç 75, 90+2 — Immobile 11, Wesino 83), **Sassuolo—Inter: 1–0** (Lloríante 20), **Kaliari—Leçce: 1–1** (Mina 26 — Krstowiç 84), **Empoli—Frozinone: 0–0, Werona—Fiorentina: 2–1** (Lazowiç 13 p, Noslin 59 — Kastrowilli 42), **Milan—Jenoa: 3–3** (Florenzi 45, Gabbia 72, Žiru 75 — Retegi 5 p, Ekuban 48, Tşaw 87 ö.d.), **Roma—Ýuwentus: 1–1** (Lukaku 15 — Bremer 31), **Salernitana—Atalanta: 1–2** (Çauna 18 — Skamakka 57, Koopmeýners 63), **Udineze—Napoli: 1–1** (Saksess 90+2 — Osimhen 51)

### BUNDESLIGA (33) – 28 gol

**Augsburg—Ştutgart: 0–1** (Girassi 48), **Borussiýa M—Aýntraht: 1–1** (Hak 9 — Ebimbe 35), **Köln—Union Berlin: 3–2** (Kaýns 45 p, Tigges 87, Dauns 90+3 — Knohe 15, Wolland 19 p), **Leipsig—Werder: 1–1** (Şeşko 61 — Saýwald 36 ö.d.), **Fraýburg—Haýdenhaým: 1–1** (Doan 29 — Sessa 38), **Maýns—Borussiýa D: 3–0** (Barreýro 12, Li Je Son 19, 23), **Darmştadt—Hoffenhaým: 0–6** (Bebu 2, 51, Baýer 6, 44, Kaderžabek 22, Kabak 26), **Bawariýa—Wolfsburg: 2–0** (Zwonarek 4, Goreska 13), **Bohum—Baýer: 0–5** (Şik 41, Bonifas 45+2 p, Adli 76, Stanişiç 86, Grimaldo 90+3)

### LIGUE 1 (33) – 22 gol

**Brest—Reýms: 1–1** (Brasie 45+1 — Munetsi 25), **Nissa—Le Hawr: 1–0** (Boga 12), **Klermon—Lion: 0–1** (Mangala 53), **Marsel—Loriýan: 3–1** (Obameýang 36, 54 p, Žigo 41 – Mendi 43), **Monpelie—Monako: 0–2** (Uattara 52, Fofana 65), **Nant—Lill: 1–2** (Ablin 54 — Dewid 8, 11), **PSŽ—Tuluza: 1–3** (Mbappe 8 — Dallinga 13, Gboo 68, Magri 90+5), **Renn—Lans: 1–1** (Salah 82 — Fýulžini 48), **Strasbur—Mets: 2–1** (Emegha 89, Santos 90+1 — Mikautadze 54)

### PREMÝER LIGA (28) – 22 gol

**Krylýa Sowetow—Ahmat: 0–2** (Konate 45+1, Berişa 62), **Rubin—Rostow: 3–1** (Rybus 30, Martynowiç 38, Ýoçiç 65 — Şetinin 73), **Spartak—Krasnodar: 1–0** (Zobnin 35), **Zenit—SSKA: 0–1** (Çalow 58 p), **Baltika—Dinamo: 2–3** (Enrike 32, Kaplenko 68 — Týukawin 3, Fernandes 90+3, Ngamalýo 90+9), **Orenburg—Lokomotiw: 0–2** (Batrakow 8, Silýanow 62), **Fakel—Ural: 0–0, Soçi—Pari NN: 6–1** (Krawsow 8, Guarirapa 32, Alwes 66, Sutormin 74 p, 83, Burmistrow 87 — Ze Turbo 89)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 37 | 27 | 7 | 3 | 93-33 | 88 |
| 2 | ARSENAL | 37 | 27 | 5 | 5 | 89-28 | 86 |
| 3 | LIWERPUL | 37 | 23 | 10 | 4 | 84-41 | 79 |
| 4 | ASTON WILLA | 37 | 20 | 8 | 9 | 76-56 | 68 |
| 5 | TOTTENHAM | 37 | 19 | 6 | 12 | 71-61 | 63 |
| 6 | ÇELSI | 37 | 17 | 9 | 11 | 75-62 | 60 |
| 7 | NÝUKASL | 37 | 17 | 6 | 14 | 81-60 | 57 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 37 | 17 | 6 | 14 | 55-58 | 57 |
| 9 | WEST HAM | 37 | 14 | 10 | 13 | 59-71 | 52 |
| 10 | BRAÝTON | 37 | 12 | 12 | 13 | 55-60 | 48 |
| 11 | BORNMUT | 37 | 13 | 9 | 15 | 53-65 | 48 |
| 12 | K. PALAS | 37 | 12 | 10 | 15 | 52-58 | 46 |
| 13 | W. HEMPTON | 37 | 13 | 7 | 17 | 50-63 | 46 |
| 14 | FULHAM | 37 | 12 | 8 | 17 | 51-59 | 44 |
| 15 | EWERTON | 37 | 13 | 9 | 15 | 39-49 | 40 |
| 16 | BRENTFORD | 37 | 10 | 9 | 18 | 54-61 | 39 |
| 17 | N. FOREST | 37 | 8 | 9 | 20 | 47-66 | 29 |
| 18 | LUTON TAWN | 37 | 6 | 8 | 23 | 50-81 | 26 |
| 19 | BÖRNLI | 37 | 5 | 9 | 23 | 40-76 | 24 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 37 | 3 | 7 | 27 | 35-101 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 27 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 22 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 20 |
| 4 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 19 |
| 5 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 19 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 36 | 29 | 5 | 2 | 86-19 | 92 |
| 2 | MILAN | 36 | 22 | 8 | 6 | 72-43 | 74 |
| 3 | ÝUWENTUS | 36 | 18 | 13 | 5 | 51-27 | 67 |
| 4 | BOLONÝA | 36 | 18 | 13 | 5 | 49-28 | 67 |
| 5 | ATALANTA | 35 | 19 | 6 | 10 | 65-39 | 63 |
| 6 | ROMA | 36 | 17 | 9 | 10 | 63-44 | 60 |
| 7 | LASIO | 36 | 18 | 5 | 13 | 47-37 | 59 |
| 8 | FIORENTINA | 35 | 15 | 8 | 12 | 53-40 | 53 |
| 9 | NAPOLI | 36 | 13 | 12 | 11 | 53-46 | 51 |
| 10 | TORINO | 36 | 12 | 14 | 10 | 33-32 | 50 |
| 11 | JENOA | 36 | 11 | 13 | 12 | 43-44 | 46 |
| 12 | MONZA | 36 | 11 | 12 | 13 | 39-48 | 45 |
| 13 | LEÇÇE | 36 | 8 | 13 | 15 | 32-52 | 37 |
| 14 | WERONA | 36 | 8 | 10 | 18 | 34-48 | 34 |
| 15 | UDINEZE | 36 | 5 | 18 | 13 | 35-52 | 33 |
| 16 | KALIARI | 36 | 7 | 12 | 17 | 38-65 | 33 |
| 17 | FROZINONE | 36 | 7 | 11 | 18 | 43-68 | 32 |
| 18 | EMPOLI | 36 | 8 | 8 | 20 | 26-52 | 32 |
| 19 | SASSUOLO | 36 | 7 | 8 | 21 | 42-72 | 29 |
| 20 | SALERNITANA | 36 | 2 | 10 | 24 | 28-76 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 24 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 16 |
| 3 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 15 |
| 4 | Albert GUDMUNDSSON (Jenoa) | 14 |
| 5 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 14 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER (Ç) | 33 | 27 | 6 | 0 | 87-23 | 87 |
| 2 | BAWARIÝA | 33 | 23 | 3 | 7 | 92-41 | 72 |
| 3 | ŞTUTGART | 33 | 22 | 4 | 7 | 74-39 | 70 |
| 4 | LEIPSIG | 33 | 19 | 7 | 7 | 75-37 | 64 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 33 | 17 | 9 | 7 | 64-43 | 60 |
| 6 | AÝNTRAHT | 33 | 11 | 13 | 9 | 49-48 | 46 |
| 7 | HOFFENHAÝM | 33 | 12 | 7 | 14 | 62-64 | 43 |
| 8 | FRAÝBURG | 33 | 11 | 9 | 13 | 44-56 | 42 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 33 | 9 | 12 | 12 | 46-54 | 39 |
| 10 | AUGSBURG | 33 | 10 | 9 | 14 | 49-58 | 39 |
| 11 | WERDER | 33 | 10 | 9 | 14 | 44-53 | 39 |
| 12 | WOLFSBURG | 33 | 10 | 7 | 16 | 40-53 | 37 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 33 | 7 | 13 | 13 | 56-63 | 34 |
| 14 | BOHUM | 33 | 7 | 12 | 14 | 41-70 | 33 |
| 15 | MAÝNS | 33 | 6 | 14 | 13 | 36-50 | 32 |
| 16 | UNION BERLIN | 33 | 8 | 6 | 19 | 31-57 | 30 |
| 17 | KÖLN | 33 | 5 | 12 | 16 | 27-56 | 27 |
| 18 | DARMŞTADT | 33 | 3 | 8 | 22 | 30-82 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 36 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 26 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 24 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 15 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 33 | 21 | 10 | 2 | 79-33 | 73 |
| 2 | MONAKO | 33 | 19 | 7 | 7 | 64-42 | 64 |
| 3 | LILL | 33 | 16 | 10 | 7 | 50-32 | 58 |
| 4 | BREST | 33 | 16 | 10 | 7 | 50-34 | 58 |
| 5 | NISSA | 33 | 15 | 9 | 9 | 38-27 | 54 |
| 6 | LANS | 33 | 14 | 8 | 11 | 43-35 | 50 |
| 7 | LION | 33 | 15 | 5 | 13 | 47-54 | 50 |
| 8 | MARSEL | 33 | 12 | 11 | 10 | 50-40 | 47 |
| 9 | RENN | 33 | 12 | 10 | 11 | 52-44 | 46 |
| 10 | REÝMS | 33 | 12 | 8 | 13 | 40-46 | 44 |
| 11 | TULUZA | 33 | 11 | 10 | 12 | 42-43 | 43 |
| 12 | MONPELIE | 33 | 10 | 11 | 12 | 41-46 | 40 |
| 13 | STRASBUR | 33 | 10 | 9 | 14 | 37-48 | 39 |
| 14 | NANT | 33 | 9 | 6 | 18 | 30-51 | 33 |
| 15 | LE HAWR | 33 | 7 | 11 | 15 | 33-43 | 32 |
| 16 | METS | 33 | 8 | 5 | 20 | 35-56 | 29 |
| 17 | LORIÝAN | 33 | 6 | 8 | 19 | 38-66 | 26 |
| 18 | KLERMON | 33 | 5 | 10 | 18 | 26-55 | 25 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 27 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 19 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 17 |
| 4 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 16 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 15 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | DINAMO | 28 | 15 | 8 | 5 | 49-37 | 53 |
| 2 | ZENIT | 28 | 15 | 6 | 7 | 45-25 | 51 |
| 3 | KRASNODAR | 28 | 14 | 8 | 6 | 41-27 | 50 |
| 4 | LOKOMOTIW | 28 | 12 | 11 | 5 | 47-37 | 47 |
| 5 | SPARTAK | 28 | 13 | 7 | 8 | 38-31 | 46 |
| 6 | SSKA | 28 | 10 | 12 | 6 | 48-38 | 42 |
| 7 | RUBIN | 28 | 11 | 8 | 9 | 29-34 | 41 |
| 8 | K. SOWETOW | 28 | 11 | 7 | 10 | 44-39 | 40 |
| 9 | ROSTOW | 28 | 11 | 7 | 10 | 40-43 | 40 |
| 10 | AHMAT | 28 | 10 | 5 | 13 | 32-38 | 35 |
| 11 | PARI NN | 28 | 8 | 5 | 15 | 26-44 | 29 |
| 12 | ORENBURG | 28 | 7 | 8 | 13 | 31-38 | 29 |
| 13 | URAL | 28 | 7 | 8 | 13 | 27-41 | 29 |
| 14 | FAKEL | 28 | 6 | 11 | 11 | 20-29 | 29 |
| 15 | BALTIKA | 28 | 7 | 5 | 16 | 31-37 | 26 |
| 16 | SOÇI | 28 | 5 | 8 | 15 | 34-44 | 23 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 16 |
| 2 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 15 |
| 3 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 14 |
| 4 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 12 |
| 5 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 10 |

# «MANÇESTER SITINIŇ» TARYHY ÝEŇŞI

Angliýanyň çempionatynda «Arsenal» myhmançylykda «Mançester Ýunaýtedi» 1-0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 20-nji minutda Trossar derwezä girizdi. «Mançester Siti» bolsa myhmançylykda «Fulhamyň» derwezesinden 2-sini Gwardiol, jogapsyz 4 gol geçirdi. 34-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda-da «Mançester Siti» myhmançylykda «Tottenhamy» Erling Holannyň gollary (51, 90+1 p) esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Soňky 4 duşuşygynda myhmançylykda «Tottenhamyň» derwezesinden gol hem geçirip bilmedik «Mançester Siti» bu gezek taryhyndaky iň esasy ýeňişleriň birini gazandy. Duşuşygyň 86-njy minutynda londonlylaryň koreýaly ýyldyzy Hin Min Sonuň geçirip bilmedik goly möwsümiň iň aýgytlaýjy pursatlarynyň biri hökmünde taryha girer. Şeýlelikde, «Mançester Sitiniň» 88, «Arsenalyň» 86 utugy bar. «Mançester Sitiniň» yzly-yzyna 4-nji çempionlygyna bir ädim, has takygy, bir ýeňiş galyp, Angliýanyň ýokary ligasynyň taryhynda ilkinji gezek bir klub bassyr 4 sapar çempionlyk gazanyp biler. Elbetde, ýekşenbe gününde öz meýdançasynda «West Hamy» ýeňen ýagdaýynda. Şol bir wagtda başlanjak «Arsenal» – «Ewerton» duşuşygynda-da topçular ýeňiş gazanyp, garşydaşynyň utuk ýitirmegini tama etmeli bolar. Başgaça aýdylanda, dogry futbolda mümkin däl zat ýok, ýöne «Mançester Sitiniň» hem bu elindäki çempionlygyny bererine hem garaşylanok. «Arsenal» bassyr 2-nji möwsümde agza-burna gelen çempionlygy ýitirmegiň bosagasynda dur.






«Tottenhamyň» utulmagyndan soň 4-nji orunda galjakdygy anyk bolan «Aston Willa» topary 41 ýyldan soň UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

# Ýarym asyra golaý wagtdan soň ilkinji çempionlygyny gazanyp biler

Russiýanyň çempionatynda çempionlyk ugrunda soňky ýyllaryň iň çekeleşikli göreşi dowam edýär. Çempionlygyň 2 dalaşgäriniň utulan bu tapgyrynda Moskwanyň «Dinamosy» ýatdan çykmajak ýeňiş gazandy. «Zenit» öz meýdançasynda SSKA-dan Çalowyň 58-nji minutda penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda asgyn geldi. «Spartak» hem öz meýdançasynda şol hasap bilen Zobniniň goly esasynda «Krasnodary» ýeňlişe sezewar etdi. Ligada galmak üçin göreşýän «Baltika» bilen çempionlyga ymtylýan «Dinamonyň» arasynda duşuşyk taryhy wakalara baý boldy. 3-nji minutda Týukawiniň goly bilen öňe geçen moskwalylar Enrikeniň 32-nji, Kaplenkonyň 68-nji minutdaky gollaryna alaç tapyp bilmedi. Ýöne ruhdan düşmedik «Dinamo» ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Ilki 90+3-nji minutda Fernandes hasaby deňlese, 90+9-njy minutda Ngamalýo paýtagtlylara ýeňiş getiren oýunçy boldy. 3-2 hasabynda gazanylan bu ýeňişden soň «Dinamo» 53 utuk bilen 2-nji ýerdäki «Zenitden» 2, 3-nji orundaky «Krasnodardan» 3 utuk öňe saýlandy. Ýene-de galan 2 tapgyrda «Dinamo» ilki «Krylýany» kabul etse, soňra «Krasnodaryň» myhmany bolar. «Krasnodar» indiki tapgyrda myhmançylykda «Soçi» bilen duşuşar. «Zenit» bolsa soňky tapgyrlarda yzygiderli ýeňiş gazanýan «Ahmat» bilen myhmançylykda duşuşsa, çempionaty öz meýdançasynda «Rostow» duşuşygy bilen tamamlar. 29-njy tapgyrdaky duşuşyklarda ýer eýeleri ýeňiş gazansa, Moskwanyň «Dinamosy» ýarym asyra golaý wagtdan soň ilkinji çempionlygyny baýram eder.



# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi dokma toplumymyzyň agzybir, zähmetsöýer işgärleriniň adyndan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzyň senenamasynda şanly seneleriň biri bolan bu gün türkmenistanlylar üçin mukaddeslikleri – parahatçylygy, bagtyýarlygy we döredijiligi alamatlandyrýan umumymilli baýramçylyga öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Dokma toplumymyzyň işgärleri bagtyýarlyk eýýamynda Siziň parasatly baştutanlygyňyzda gazanylýan üstünlikleri mundan buýana-da berkidip, asuda, abadan ýurdumyzyň kuwwatly, gurply döwletleriň hataryna goşulmagy üçin yhlasly işleýärler.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Şanly baýramçylyklar bilen Sizi ýene bir gezek tüýs ýüregimizden gutlaýarys! Il-halkyň eşretli durmuşda, bolçulykda, agzybirlikde we abadan durmuşda ýaşamagy üçin alyp barýan beýik işleriňizde Size üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününiň bellenip geçilmegi halkymyzyň agzybirliginiň hem-de jebisliginiň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasy diňe bir Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny berkitmän, eýsem, jemgyýetimizi mundan beýläk-de ösdürmegiň röwşen ýoludyr. Ýurdumyzyň her bir raýaty içeri we daşary syýasatda gazanylan durmuş-ykdysady üstünliklere guwanmaga haklydyr. Siz döwletde täze eýýamy alamatlandyrýan özgertmeleriň gözbaşyny ýurduň kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmekden başladyňyz.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, il-ýurt bähbitli işleriňiziň ileri bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň başda durmagyňyzda «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäniň amala aşyrylýan döwründe jemgyýetçilik durmuşynyň esasy binýady bolan ýurduň Konstitusiýasy adamy jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly baýlygy hökmünde ykrar etdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Döwlet baýdagy ýurdumyzda ýetilýän belent sepgitleri hem-de ösüşleri, halkymyzyň mizemez agzybirligini, bitewüligini, umumadamzat gymmatlyklaryna hem-de parahatçylyk ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýan mukaddesliklerdir. Döwletlilikden we berkararlykdan, rowaçlykdan hem-de bitewülikden gözbaş alýan bu iki mukaddesligiň baýramy göwünleri joşa getirýär.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Ýurdumyzyň özygtyýarlylygynyň we bitewüliginiň binýady bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we ösüşleriň nyşany bolup belentde parlaýan Döwlet baýdagymyzyň güni mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ähli işgärlerimiziň adyndan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň köňül şatlygyna, eşretli döwranlaryň egsilmez ajaýyplyklaryna beslenip, uludan tutulýan toýdur-dabaralaryň şowhun-şatlygy bütin dünýä ýaň salýar. Döwletimiziň barha kuwwatlanmagy, halkymyzyň bolelinlikde, abadan ýaşamagy üçin çekýän ýadawsyz zähmetleriňiz bilen ýurdumyzda alnyp barylýan dünýä derejeli işleriň has-da rowaçlanjakdygy biziň kalplarymyzda çäksiz buýsanç hem guwanç döredýär.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli ýene-de bir gezek gutlamak bilen, Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny ýokarlandyrmak üçin alyp barýan ähli işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AJAÝÝP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň iň ýokary döwlet wezipesinde alyp barýan işleriňiz ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny mundan beýläk-de berkitmäge, dünýä ýüzündäki abraýynyň artmagyna ýardam edýär we halkymyzyň ajaýyp geljeginiň hatyrasyna täze işler bilen dabaralanýar. Ýurdumyzyň Baş Kanuny bolsa türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, olary has-da pugtalandyrdy. Döwletimiziň mizemez hukuk binýady bolan Konstitusiýamyz halkymyzyň agzybirlik, demokratiýa, watançylyk we adalatlylyk hakyndaky köpasyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝÝP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

ÇEPER GURLUŞYK

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzda giňden bellenilýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagymyz halkymyzyň bitewi gymmatlygydyr. Ata-babalarymyzyň ynsanperwer wesýetleri, sarsmaz türkmen döwleti baradaky arzuwlary türkmenistanlylaryň kalbynyň owazy, ruhy-ahlak we akyl mekdebidir.

Halkymyzyň berkarar döwletde agzybir ýaşamak hakyndaky arzuwlary bu günki gün hasyl boldy. Bagtyýar halkymyz gün-günden jebisleşip, kuwwatlanyp, ýokary depginler bilen ösýän berkarar döwletimizde asuda we abadan durmuşda ýaşaýar, döredýär, guryar. Mähriban halkymyzyň bagtyýar we bolelin durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene-de bir gezek şanly baýramçylyklar bilen tüýs ýürekden gutlap, Size berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez bagt, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe at-owazasy dünýä dolýan eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlamak we Size iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmek isleýäris. Şu baýramçylygyň agzybirlikde bellenmegi halkymyzyň jebisligini görkezip, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösjekdigine, abraýynyň dünýä ýüzünde berkejekdigine uly ynam döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, jogapkärli wezipäňizde uly üstünlikler, Türkmenistana gülläp ösüş, halkymyza bolsa bagt we abadançylyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Umumymilli baýramçylyk – Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli Sizi tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys! Bu sene Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň kabul edilmeginiň senesini we Döwlet baýdagynyň gününi özüne birleşdirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Häzirki wagtda ata-babalarymyzyň berkarar döwlet, watansöýüjilik, ynsanperwerlik, dost-doganlyk, agzybirlik, mertlik, batyrlyk, gaýduwsyzlyk ýaly ýörelgeleri örän parasatlylyk bilen dowam etdirilýär. Şeýle asylly ýörelgeleriň dowam etdirilýändigi üçin ähli halkymyz bilen bilelikde Size alkyş aýdýarys!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Watandaşlarymyzyň bu şanly senä bolan garaýşy aýratyndyr. Bu sene halkymyzy has-da jebisleşdirip, watançylyk duýgusyny artdyrýar, döredijilik ylhamyny joşdurýar. Bu baýramçylyga goýulýan belent sarpa ata-babalarymyzyň asuda toprakda erkin ýaşamak we zähmet çekmek barada arzuwlan bagtyna eýe bolan türkmenistanlylaryň Garaşsyz Watanymyza buýsanç duýgularyny artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

Watanymyzyň mukaddes nyşanlary türkmen halkynyň agzybirligini, buýsanjyny hem-de mertebesini alamatlandyrýan mukaddes gymmatlyklardyr.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti,**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi giňden bellenýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Konstitusiýa – Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Esasy Kanuny we berk binýadydyr. Konstitusiýa ýokary depginler bilen gülläp ösýän, kuwwatly we berkarar döwletiň beýik gazananlarynyň sarsmaz hukuk binýady bolup durýar.

Sizi ählihalk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez bagt, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe at-owazasy dünýä dolýan Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Многоуважаемый Президент Туркменистана,**

Коллектив компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» от всего сердца поздравляет Вас в честь Днём Конституции и Государственного Флага Туркменистана!

Конституция – это Основной Закон, в котором закреплены незыблемые правовые основы Независимого, Нейтрального Туркменистана. Ее ключевые положения служат прочным законодательным фундаментом грандиозных успехов и достижений процветающей, экономически мощной страны.

Еще раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, счастья и благоденствия, больших успехов в проводимой работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана, неуклонно укрепляющей и приумножающей в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства свой авторитет на международной арене.

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» в Туркменистане.**

BOUYGUES TURKMEN

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOWA**

***Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!***

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny ýurduň iň möhüm senesi – Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Konstitusiýa – bu Garaşsyz, Bitarap türkmen döwletiniň mizemez hukuk esaslary berkidilen Esasy Kanundyr. Onuň esasy düzgünleri ykdysady taýdan gülläp ösýän kuwwatly ýurduň ägirt uly üstünliklerine berk kanunçylyk binýady bolup hyzmat edýär, baýdak bolsa Türkmenistanyň halkara abraýyny alamatlandyrýar.

Bu baýramçylyk gününde, çuňňur hormatlanýan jenap Prezident, Size berk jan saglygyny, Garaşsyz Türkmenistanyň täze belent derejelere çykmagyny üpjün etmek üçin alyp barýan döredijilikli işleriňizde uly üstünlikleriň hemra bolmagyny, ýurduň zähmetsöýer halkyna bolsa, asuda, abadan we bagtyýar durmuş arzuw edýäris!

**Ýolbaşçylarymyzyň we ähli işgärlerimiziň adyndan Size çuňňur hormatymyzy we sylagymyzy bildirýäris.**

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ ГУРБАНГУЛЫЕВИЧУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

***Глубокоуважаемый Господин Президент!***

Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с выдающимися праздниками страны – Днём Конституции и Днём Государственного Флага Туркменистана.

Конституция – это основной закон, в котором закреплены незыблемые правовые основы Независимого, Нейтрального Туркменского государства. Её ключевые положения служат прочным законодательным фундаментом грандиозных успехов и достижений процветающей, экономически мощной страны, а флаг воплощает в себе международный престиж Туркменистана.

В этот праздничный день, разрешите пожелать Вам, глубокоуважаемый Господин Президент, доброго здоровья, больших успехов в Вашей созидательной деятельности, призванной обеспечить восхождение суверенного Туркменистана к новым высоким рубежам, и мирную, счастливую, благополучную жизнь трудолюбивому народу страны!

**От имени всех сотрудников и руководства позвольте выразить Вам наше самое глубокое уважение и почтение.**

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN».**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с Днем Конституции и Государственного флага Туркменистана!

Конституция – это Основной Закон, в котором закреплены незыблемые правовые основы Независимого, Нейтрального Туркменского государства. Ее ключевые положения служат прочным законодательным фундаментом грандиозных успехов и достижений Вашей процветающей, экономически мощной страны.

Конституция Туркменистана имеет ключевое значение в упрочении политической, экономической, культурной, правовой базы Туркменистана, во всесторонней защите и соблюдении прав человека, успешном осуществлении социально-экономических реформ.

А Государственный флаг – непреходящий символ Независимости и Нейтралитета, единства и сплочённости народа. За короткий по историческим меркам период Ваше Независимое, Нейтральное государство встало на путь динамичного прогресса и получило признание в мире как одно из авторитетных и успешно развивающихся в политической, экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Реализуя политику, направленную на обеспечение счастливой и благополучной жизни народа, Вы руководствуете девизом «Родина является Родиной только с народом! Государство является государством только с народом!». В контексте этого принципа придаётся особое значение росту экономического могущества, укреплению потенциала социальной сферы, последовательному повышению уровня жизни народа. Во всех отраслях экономики, в сферах науки, образования, здравоохранения, спорта, культуры, туризма успешно проводится комплексные преобразования и реализуется национальные программы.

Желаем Вам уважаемый Президент, доброго здоровья, благополучия и успехов, всему народу Туркменистана - мира, согласия и процветания.

**С глубоким уважением к Вам,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,**

**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Kompaniýanyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmenistanlylary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli gutlaýarys! Size halkyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bolsa bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Joe SPYTEK,**

**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

We warmly congratulate the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and all turkmen people celebration aniversary – Day of Constitution and State Flag of Turkmenistan! We wish good health, long life, success to the highly-esteemed President of Turkmenistan and prosperity, flourishing life and bright future to the turkmen people!

**With best regards,**

**Joe SPYTEK,**

**CEO «Speedcast».**


Gazetiň kagyz görnüşine nähili ýazylyp bolar?

«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron görnüşine nähili ýazylyp bolar?

ABONENT BOL

zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?

PDF

zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nädip ýükläp alyp bolar?

Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

international media

Abuna – 2024

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.

Täzelikleri täzeligine okaň!

